TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– MILLI AÝDYM-SAZLAR GÖWÜNLERI, KALPLARY BIRLEŞDIRÝÄR,
MEDENI GATNAŞYKLAR HALKLARY BIRI-BIRINE ÝAKYNLAŞDYRÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
2-nji dekabr, 2022. Belgisi 48/1510



# TÜRKMEN-EÝRAN HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRILÝÄR

**30-njy noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň energetika ministri Ali Akbar Mehrabiany kabul etdi**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi hem-de ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisiniň aýdan mähirli sözlerini we tutuş türkmen halkyna abadançylyk, rowaçlyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, Eýranda Türkmenistan bilen hoşniýetli goňşuçylyk we birek-birege hormat goýmak esasynda ýola goýulýan netijeli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de berkidilmegine uly ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz goňşy ýurtlar bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmegiň Watanymyzyň daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belläp, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentine we ýurduň ähli halkyna özüniň hoşniýetli arzuwlaryny aýtdy hem-de iki döwletiň arasynda ýola goýlan gatnaşyklaryň dost-doganlyk häsiýetine esaslanýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Şu barada aýtmak bilen, döwlet Baştutanymyz iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan pursadyndan bäri netijeli türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň okgunly ösdürilýändigini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda Hökümet wekiliýetleriniň özara saparlarynyň möhüm ähmiýetiniň bardygy nygtaldy. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Eýran Türkmenistanyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar we daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

Şunuň bilen baglylykda, EÝR-nyň energetika ministriniň Aşgabada saparynyň çäklerinde meýilleşdirilen duşuşyklaryň we gepleşikleriň ählumumy bähbitlere laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine kuwwatly itergi berjekdigine ynam bildirildi.

Bellenilişi ýaly, hyzmatdaşlyk birnäçe pudaklar boýunça işjeň ösdürilýär. Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy tebigy serişdelere baý bolmak hem-de çäk taýdan amatly ýerleşmek bilen, daşary ykdysady, energetika we üstaşyr ulag ugurlarynda özara gatnaşyklar üçin oňyn mümkinçilikleri üpjün edýär. Şunuň bilen baglylykda, hyzmatdaşlygyň ägirt uly serişde we ykdysady mümkinçiliklerini doly durmuşa geçirmek babatda gatnaşyklaryň has işjeň guralyny işläp taýýarlamagyň zerurdygy bellenildi. Şunda anyk netijelere gönükdirilen türkmen-eýran gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de işjeňleşdirilmeginde bilelikdäki hökümetara toparyň işine möhüm orun degişlidir.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Eýran Yslam Respublikasynyň energetika ministri Ali Akbar Mehrabian dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukuklylyk, özara bähbitlilik, uzak möhletleýinlik ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ählumumy abadançylygyň bähbidine ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

# ÝAŞA SEN, FESTIWAL, DOSTLUK BAÝRAMY





28-30-njy noýabrda «Milli aýdym-saz sungaty dünýä halklarynyň mirasynda» atly halkara festiwal we maslahat geçirildi.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan guralan çärä gatnaşmak üçin halkara guramalaryň, ugurdaş ministrlikleriň ýolbaşçylary we wekilleri, aýdymçylar, sazandalar – milli saz gurallarynda ýerine ýetirijiler, alymlardyr hünärmenler, şol sanda saz, sungat we medeniýeti öwrenijiler, Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Tatarystanyň (Russiýa Federasiýasy), Türkiýäniň we Özbegistanyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, medeniýet işgärleri Aşgabada geldiler.

28-nji noýabrda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Milli aýdym-saz sungaty dünýä halklarynyň mirasynda» atly halkara festiwalyň açylyş dabarasy boldy.

Açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiziň halkara festiwala we maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy.

Mukamlar köşgüniň sahnasynda şowhunly konsert geçirildi. Onuň baý maksatnamasy aýdym-saz eserleriniň köpdürlüligini, dürli halklaryň aýdym aýtmak, saz çalmak ýaly gadymy sungatynyň täsin nusgalaryny açyp görkezdi.

Tomaşaçylar Azerbaýjanyň we Eýranyň aýdym-saz toparlarynyň, Gyzylorda oblastynyň filarmoniýasynyň (Gazagystan), Täjigistanyň A.Juraýew adyndaky döwlet filarmoniýasynyň, Horezmiň sazly drama teatrynyň (Özbegistan) halk saz toparlarynyň, Buhara şäheriniň mukamlary ýerine ýetirijileriniň çykyşlaryny el çarpyşmalar bilen garşyladylar. Gyrgyz Respublikasyndan gelen «Etno-Oş» folklor-etnografiýa toparynyň çykyşynda özboluşly milli äheňler ýaňlandy. Kazanyň «Alpar» etnografiýa topary milli saz gurallarynda tatar halk sazlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetirdi. Ýurdumyzda geçirilýän halkara medeni çärelere yzygiderli gatnaşýan «Türki dünýä» saz-tans toparynyň artistleri tomaşaçylara ajaýyp türk mukamlaryny we tanslaryny sowgat etdiler.

Ýurdumyzyň belli tans, folklor, aýdym-saz toparlary, meşhur halk aýdymlaryny ýerine ýetirijiler tomaşaçylara türkmen sungatynyň ajaýyp nusgalary bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döretdiler. Artistleriň çykyşlarynda halkara forumyň medeniýetleriň özara baýlaşmagyna, dostlugyň we ylalaşygyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen baş maksady öz beýanyny tapdy.

Günüň ikinji ýarymynda «Arçabil» myhmanhanasynda ylmy maslahat geçirildi. Oňa ýurdumyzyň Hökümet agzalary,



TÜRKSOÝ-yň, ugurdaş ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, medeniýet merkezleriniň ýolbaşçylary we wekilleri, Aşgabat forumyna gatnaşýan ýurtlaryň alymlary, hünärmenler gatnaşdylar.

Şol gün agşam daşary ýurtly myhmanlar Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» kitaby esasynda döredilen «Dutaryň owazy» atly sahna oýnuna tomaşa etdiler.

29-njy noýabrda «Milli aýdym-saz sungaty dünýä halklarynyň mirasynda» atly halkara festiwalyň we maslahatyň çäklerinde döredijilik duşuşyklary boldy. Sazandalar Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň okuwçylary üçin öz halklarynyň milli saz gurallarynda saz çalmak boýunça ussatlyk sapaklaryny berdiler.

Şeýle hem festiwala gatnaşyjylar «Watan» hem-de «Türkmenistan» kinokonsert merkezlerinde, Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň sahnasynda çykyş etdiler.

30-njy noýabrda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Milli aýdym-saz sungaty dünýä halklarynyň mirasynda» atly halkara festiwalyň we maslahatyň dabaraly ýapylyşy boldy. Onda halkara festiwalda üstünlikli çykyş edenlere diplomlar gowşuryldy hem-de Türkmenistanyň sungat ussatlarynyň konserti boldy.

## Asma ýol: döwrebap gatnaw serişdesi

Dünýäniň köp ýerinde «tanaply awtoulag» adyny alan asma ýollar ilkibaşda gezelenç maksatly gurlan hem bolsa, soňky ýyllarda barmasy kyn ýerlerde ýolagçy gatnawynda-da peýdalanylýar. 4

## Welosipedleriň ýurdy nädip nusgalyk boldy?

Niderlandlar dünýäde welosiped ulanylyşynda nusgalyk ýurtlaryň biri hasaplanýar. Oba hojalygynda hem dünýäde öňdeligi eýeleýän bu ýurtda ilatyň sanyndan has köp welosiped bar. 6

## Katarda futbol baýramçylygy ýokary depginde dowam edýär

7-8



## Awazanyň ösdürilmegine bagyşlanan möhüm maslahat

Hazaryň türkmen böleginde dynç alşy we syýahatçylygy ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar. Tebigatyň bu gözel künjeginde mylaýym howa şertleri, mineral-ly, palçyk çeşmeleri we uzalyp gidýän altyn öwüşginli-çägesöw deňiz kenarlary, täsin deňiz peýzažlary, biologik köpdürlüligi bilen tapawutlanýan suw-batgalyk ýerler bar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ösdürilmegi bilen bu künjege daşary ýurtly myhmanlaryň gyzyklanmasy has-da artdy. Häzirki wagtda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda bir wagtyň özünde dynç alýanlaryň müňlerçesini kabul etmäge mümkinçiligi bolan myhmanhanalar, dynç alyş we sagaldyş merkezleri, şol sanda çagalar üçin dynç alyş merkezleri hem-de kottejler toplumlary hereket edýär. 3



## Türkmenistanda ilkinji sanly ilat ýazuwy

**Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda berkarar döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin ygtybarly binýat döredilip, ýurdumyzyň durmuş ulgamy yzygiderli özgerýär. Raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, durmuş goraglylygyny we iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen, şu ýylyň 17-27-nji dekabry aralygynda «Ilat ýazuwy – 2022: Jebislik, Bagtyýarlyk, Röwşen geljek!» şygary bilen ýurdumyzda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçiriler.** 3



## Türkmen topragy – berekediň çeşmesi

Türkmenler irki döwürlerden bäri daýhançylygy ösdürmäge aýratyn goşant goşan halklaryň biridir. Munuň şeýledigine şöhratly taryhymyzyň köne gatlarynda duş gelinýän ýadygärliklerden tapylan tapyndylaryň üsti bilen hem göz ýetirýäris. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen medeniýeti» atly kitabynda hem gadymy ekerançylygyň mesgeni bolan ýadygärlikler, oturymly ýerler hakynda gyzykly, täsirli maglumatlar getirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Adamzat taryhynda ilkinji oturymly ekerançylyk we şäher medeniýetiniň dörän mekanlarynyň biri hem täsin haýwanat dünýäli, gözel jülge-dereli, melhem çeşmeli, mes gadymy türkmen topragynda - Merkezi Köpetdagdan inýän çeşme-çaýlaryň boýunda emele gelen Jeýtun medeniýetidir» diýýän sözleri hem muňa şaýatlyk edýär. 3

# DOSTLUKLY GATNAŞYKLAR ÝOKARY NETIJELERE BESLENÝÄR



Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmen-awstriýa jemgyýetiniň başlygy hanym Neda Berger bilen geçiren duşuşygynda Türkmenistan bilen Awstriýa Respublikasynyň arasyndaky ýola goýlan netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek babatdaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Myhman bilen mähirli salamlaşyp, Gahryman Arkadagymyz Neda Bergeriň Türkmenistanda uly hormata eýedigini aýtdy. Şeýle-de, hormatly Arkadagymyz onuň ýurdumyzda geçirilýän köp sanly baýramçylyk dabaralaryna işjeň gatnaşýandygyny we iki ýurduň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine mynasyp goşant goşýandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Nygtalyşy ýaly, Türkmen-awstriýa jemgyýeti 2008-nji ýylyň noýabr aýynda döredildi we onuň internet saýty açyldy. Şeýle-de, «Galkynyş» žurnaly çap edilýär. Şunuň bilen bir hatarda, Aşgabatda hem-de Wena şäherinde bu jemgyýetiň guramagynda Medeniýet günleri yzygiderli geçirilýär. Ýewropada ýeke-täk «Galkynyş» atly bilelikdäki simfoniki orkestriň çykyşlary, paýtagtymyzda guralýan Wena ballary we beýleki döredijilik çäreleri taraplaryň medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýete eýe bolýandygyny görkezýär.

Iki ýurduň we halkyň has-da ýakynlaşmagy, Türkmenistanda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň giňden wagyz edilmegi ugrunda hemmetaraplaýyn tagalla edýändigi üçin Türkmen-awstriýa jemgyýetiniň başlygyna minnetdarlyk bildirip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy birek-birege hormat goýmak we ynanyşmak esasynda ýola goýulýan türkmen-awstriýa gatnaşyklarynyň sazlaşykly ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen Awstriýa Respublikasynyň diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara düzümleriň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändigi nygtaldy. Abraýly halkara guramalaryň çäklerinde ähl umumy we sebitleýin derejedäki halkara başlangyçlara hem-de tekliplere ikitaraplaýyn goldaw berilýändigi munuň aýdyň beýanydyr. Şunuň bilen baglylykda, Awstriýanyň dürli ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen iri kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň möhüm orna eýe bolan Türkmen-awstriýa jemgyýetiniň agzalarydygyny aýratyn bellemeli.

Şeýle-de, parlamentara gatnaşyklary ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Onuň mundan beýläk-de giňeldilmegine we netijeli gatnaşyklaryň iki ýurduň halklarynyň abadançylygynyň bähbidine ösdürilmegine taraplar uly gyzyklanma bildirýärler.

Türkmenistanda Awstriýa Respublikasy bilen ýola goýulýan dostluk gatnaşyklaryna ýokary baha berilýändigini belläp, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmen-awstriýa jemgyýetiniň başlygy hanym Neda Bergere berk jan saglyk, abadançylyk we üstünlik arzuw etdi.

# HYZMATDAŞLYGYŇ GELJEKKI TÄZE UGURLARY KESGITLENDI

30-njy noýabrda paýtagtymyzda Bilelikdäki türkmen-awstriýa toparynyň 11-nji mejlisi geçirildi. Oňa iki ýurduň birnäçe döwlet düzümleriniň, işewür toparlarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar. Nobatdaky mejlisiň gün tertibine ozal gazanylan ylalaşyklary, hususan-da, geçen mejlislerde öňe sürlen teklipleri iş ýüzünde ýerine ýetirmek, sazlaşykly ösýän hyzmatdaşlygyň geljekki täze ugurlaryny kesgitlemek meseleleri girizildi.

Mejlisi açmak bilen, toparlaryň başlyklary birek-birege hormat goýmak we özara bähbitlilik esasda ýola goýulýan türkmen-awstriýa gatnaşyklarynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen nygtadylar. Bellenilişi ýaly, taraplar bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek ugrunda bar bolan uly mümkinçilikleri doly derejede peýdalanmaga çalyşýarlar. Mejlise gatnaşyjylar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösdürilmegine hemmetaraplaýyn üns berýändigi üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hoşallyk bildirip, türkmen-awstriýa döwletara gatnaşyklaryň söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda sazlaşykly ösdürilýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Ileri tutulýan ugurlar boýunça gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny nygtap, taraplar hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge taýýardygyny tassykladylar we onuň geljegi uly hasaplanylýan ugurlaryny kesgitlediler. Hususan-da, energetika, ulag-logistika, gurluşyk we infrastruktura, saglygy goraýyş, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek ýaly ulgamlarda ýola goýulýan gatnaşyklaryň uly geljeginiň bardygy bellenildi. Şeýle-de, maşyn gurluşygy, ekologiýa we maglumat tehnologiýalary ýaly ugurlara aýratyn üns berildi.

Mejlisiň dowamynda birnäçe ugurlar boýunça bilelikdäki taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň taraplar üçin has-da bähbitli boljakdygy nygtaldy. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň netijeli iş alyp barmaklary ugrunda döwletimizde amatly maýa goýum ýagdaýynyň döredilendigini belläp, toparyň awstriýa tarapynyň agzalary bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin geljegi uly türkmen bazarynda eýeleýän orunlaryny has-da giňeltmäge bolan gyzyklanmalaryny beýan etdiler.

Hususan-da, 2017-nji ýylyň iýunynda Wena şäherinde açylan Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň wekilhanasynyň mümkinçilikleri barada aýdyldy. Ol biziň ýurdumyzyň hem-de Ýewropanyň işewür düzümleriniň arasynda baglanyşdyryjy köpri bolup hyzmat edýär we eksport-import amallarynyň, birek-birege ugradylýan harytlaryň, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň möçberiniň artmagyny, iki döwletiň hojalyk düzümleriniň arasynda gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny şertlendirýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda senagat we hyzmat edaralaryny döretmek, Türkmenistanyň önümlerini Awstriýanyň hem-de Ýewropa Bileleşiginiň beýleki ýurtlarynyň bazarlaryna ugratmak üçin dostlukly ýurduň tejribesini we onuň kompaniýalarynyň tehnologiýalaryny çekmegiň mümkinçiliklerine garaldy.

Netijeli gatnaşyklary ösdürmekde Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň, Awstriýa Respublikasynyň Federal ykdysady palatasynyň, Awstriýanyň Aşgabatdaky ilçihanasynyň söwda wekilhanasynyň işine möhüm orun degişlidir. Olar iki döwletiň işewür toparlarynyň wekillerine ýakyndan goldaw berýärler. Munuň özi uzak möhletleýin hyzmatdaşlyga, Türkmenistanda önümçilik toplumlarynyň gurluşygy boýunça bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge, azyk we beýleki harytlaryň önümçiligi üçin enjamlary ugratmaga uly gyzyklanmalaryň bardygyny görkezýär. 29-njy noýabrda geçirilen Türkmen-awstriýa işewürlik maslahatynda «Balam» konditer kärhanasy bilen «Akras Flavours GmbH» kompaniýasynyň arasynda, şeýle-de Türkmenistanyň «Halk market» supermarketler toplumy bilen Awstriýa-türkmen jemgyýetiniň arasynda degişli şertnamalaryň baglaşylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Duşuşyga gatnaşyjylar mejlisiň dowamynda täze gazanylan ylalaşyklaryň, şeýle-de 29-njy noýabrda geçirilen ikitaraplaýyn işewürlik maslahatynyň özara bähbitli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegini üpjün etjekdigine ynam bildirdiler.

Mejlisiň jemleri boýunça degişli Teswirnama gol çekildi.

## Baget çöregi ÝUNESKO-nyň sanawynda

Baget fransuz çöreginiň taýýarlanylyşy resmi taýdan ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Degişli karar Marokkoda geçirilen maddy däl medeni mirasy goramak boýunça ÝUNESKO hökümetara komitetiniň 17-nji mejlisinde kabul edildi.



Guramanyň web sahypasynda habar berilmegine görä, Fransiýanyň bu ugurdaky hödürnamasynyň sanawa girizmek üçin ähli ölçeglere laýyk gelýändigi bellenilýär.

2018-nji ýylda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron bagetiň taýýarlanylyşyny ÝUNESKO-nyň sanawyna girizilmek baradaky hödürnamany goldapdy. 2021-nji ýylda Fransiýa bu hödürnamany ÝUNESKO-nyň garamagyna berdi.

Adaty bagetler Pariždäki ähli çörek dükanlarynda satylýar we islendik baýramyň aýrylmaz bölegi hasaplanýar.

**Sünnet MEHMANGULYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Gardan energiýa alnar

Ýaponiýanyň Aomori şäherinde gardan energiýa almak meýilleşdirilýär. Ýaponiýada gardan elektrik togunu almagyň täze usuly işlenip düzüldi. Bu usul garyň köp ýagýan Aomori şäherinde synagdan geçiriler. Tehnologiýa garyň massasyndaky we üstündäki temperatura tapawudyna esaslanýar.



Tehnologiýa dekabr aýynda işe giriziler, indiki ýylyň mart aýyna çenli synag ediler. Şäher häkimlikleri köçelerden garlary ulanyşdan galan mekdepde enjamlaşdyrylan ýörite howuza jemlärler. Şol ýerde gar gatlaklaryna ýylylyk geçiriji turbalar gurlar we üstündäki howa tebigy ýagdaýda Gün bilen gyzdyrylar. Gar massalary bilen daşarky howanyň arasyndaky temperatura tapawudy turbinanyň içinde konweksiýa togunu döretmek üçin ulanylar.

Işläp düzüjiler bu ulgam üstünlikli bolsa, ulgamyň ulanylyşyny giňeltmegi, iri kärhanalary elektrik togy bilen üpjün etmek üçin gar ýygnaýan jaýlary enjamlaşdyrmagy teklip edýärler.

**Nurana SEÝIDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Güýz paslynyň datly iýmişi



Ýurdumyz dürli görnüşli dermanlyk ösümlikleriň mekany hasaplanýar. Miweli, saýaly, pürli agaçlaryň ýüzlerçe görnüşi ata Watanymyzyň gözel tebigatyna aýratyn bir gözellik goşmak bilen, azyk bolçulygynyň döredilmeginde hem aýratyn orny eýeleýär.

Ýurdumyzda ösdürilip ýetişdirilýän miweleriň içinde igde çagalaryň iň söýgüli iýmiti hasaplanýar. Guraklyga çydamly igde agajy islendik toprakda hem ösüp ýetişmäge ukyplydyr. Watany Aziýa hasaplanýan igde agajynyň boýy 7 metre çenli ýetýär. Böwrek kesellerinde igde iýmek peýdaly hasaplanýar. Güýz paslynyň iň soňky we iň halanýan ir-iýmişleriniň biri bolan igde maý-iýun aýlarynda gülleýär. Onuň gülleri açyk sary reňkde bolup, miwesi sentýabr aýynda bişip başlaýar. Bu ösümlik diňe miwesiniň örän süýji tagamy bilen tapawutlanman, eýsem, onuň köp peýdaly taraplary hem bar. Ol dürli keselleriň öňüni almakda peýdalanylýar. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopidik kitabynda hem igde agajynyň peýdaly häsiýetleri barada aýratyn belläp geçýär.

Igdeden dürli çörek önümlerini taýýarlamakda hem giňden peýdalanylýar. Ýagny igde künjüden taýýarlanýan ijana hem goşulýar. Igdäni ijana goşmak üçin ony ýuwup, soň serip guratmaly, yzgary gidensoň igdäni sokuda döwmeli. Onuň gabygyny, şänigini aýyrmak maksady bilen elekde elemeli. Elenip alnan igde külkesi gowrulyp sokuda döwlen künji, owradylan gaty çörek ýa-da zagara we şeker bilen goşulyp garylýar. Ijan gyş aýlarynda ilatymyzyň iň köp isleg bildirýän iýmiti hasaplanýar.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap komitetiniň esasy hünärmeni.*

## Balyň saglyga peýdasy

Kanadanyň Toronto uniwersitetiniň hünärmenleri her gün iki nahar çemçesi bal iýmegiň ganyň düzümindäki şekeri kadalaşdyrýandygyny we holesterin derejesini gowulandyrýandygyny ýüze çykardylar. 1100-den gowrak meýletinçiniň gatnaşmagynda geçirilen 18 synagyň netijesinde, bir ösümlikden alnan gaýtadan işlenmedik balyň has täsirlidigi anyklandy.



Şeýle hem bu datly iýmitiň çişmä garşy peýdalydygy bellenildi. Sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerýän meýletinçilere 8 hepdeläp her gün 40 gram bal berildi. Ak gülli robiniýa agajyndan alnan balyň has täsirlidigi bellenildi. Şeýle hem geçirilen barlaglarda bal 65 derejeden ýokary temperaturada gyzdyrylanda, saglyga peýdaly häsiýetleriniň köpüsini ýitirýändigi belli boldy.

**Amanmyrat GOÇMYRADOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň patologik anatomiýa kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## Sürüjisiz ulag bilen ýük daşaldy

Şwesiýanyň ýük ulaglaryny öndürýän «Scania» kompaniýasy Ýewropada ilkinji gezek sürüjisiz ulag bilen ýük gatnawyny amala aşyrdy. Kompaniýanyň awtonom çözgütler boýunça ýolbaşçysy Peter Hafmar ýük ulagynyň



harytlary A nokadyndan B nokadyna dolulygyna özbaşdak amala aşyrandygyny mälim etdi. Ýük ulagy ýurduň günortasyndaky Sýodertelýe we Ýonçýoping şäherleriniň aralygyndaky 300 kilometrlik ýoly geçdi. Sürüjisiz ýük ulagynyň ýokarsynda kameralar we gapdalynda kiçijik sensorlar, kabinanyň içinde sürüji üçin niýetlenen ähli enjamlar bar. Öň tarapda goşmaça ýerleşdirilen başga enjamlar we ekranlar bar. Ulagyň nähili işleýändigini görkezmek üçin inžener Goran Fýallid ýolagçynyň oturgyjyna oturyp, kameralardan gelýän şekilleri we beýleki maglumatlary ýankompýuterde barlaýar. Ýük ulagy dürli sensorlardan gelýän maglumatlary GPS ulgamy bilen birleşdirip, howpsuz ýagdaýda ýoluna dowam edip bilýär.

**Jennet HALLYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Gün panelleriniň netijeliligini artdyrar

Iň köp sarp edilýän bakja ekini bolan pomidorlar senagatda hem ulanylýar. Mundan ozal bu bakja ekininiň topraga düşende çüýreýän gaplary öndürmekde peýdalanylyp bilinjekdigi anyklanypdy. Indi bolsa bu bakja ekininden alnan reňk serişdesiniň Gün panelleriniň netijeliligini ýokarlandyrmaga



ýardam etjekdigi ýüze çykaryldy. Pomidor pigmenti bolan «likopen perowskit»-iň panelleriň çydamlylygyny hem-de netijeliligini artdyrýandygy anyklandy. Adatça Gün paneliniň energiýa önümçiligine ýerleşýän ýeri, howa şertleri we beýleki tebigy hadysalar täsir edýär. Soňky ýyllarda bu panelleriň önjeýliligini ýokarlandyrmak üçin täze tehnologiýalar durmuşa geçirildi. Hytaýly bilermenler bolsa poslamagyň öňüni alýan häsiýeti bolan likopenden peýdalanypdyrlar. Tebigy antioksidant bolan bu pigment panel önümçiliginde peýdalanylanda Günden gelýän ultramelewşe şöhleleriň zyýanly täsirinden goraýar. Geçirilen synaglarda likopeniň elektrik akymyny gowulandyrandygy, şeýlelikde, onuň netijeliligini artdyrandygy anyklandy.

**Bägül KAKADURDYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň iň inçe gökdiräni

ABŞ-nyň beýik binalary bilen tanalýan Nýu-Ýork şäherinde ýene bir beýik bina peýda boldy. Dünýäniň iň inçe gökdiräni adyna eýe bolan «Steinway Tower» atly bina Manhetten etrabyndaky «Central Park» seýilgähiniň golaýynda ýerleşýär.



Binanyň ýokarsyndaky çürelip gidýän polat bölegi 91 metre ýetýär. Umumy uzynlygy 435 metre ýetýän bina «One World Trade Center» we «Central Park Tower»-den soňra Günbatar ýarym şardaky üçünji beýik bina boldy.

Binanyň dizaýnyny döreden «ShoP» kompaniýasy bu binanyň in-boý ölçeginiň 24x1-digini belleýär. Binadaky öýleriň bahasy 7,75-66 million dollar aralygynda üýtgeýär. Binanyň gurluşygy üçin 2 milliard dollar sarp edilendigi bellenilýär. Gurluşygyna 2013-nji ýylda başlanan 84 gatly binanyň ilkinji ýaşaýjylary Täze ýyl baýramçylygynyň öňüsyrasynda göçüp bararlar.

**Ejegül ÖWEZMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Dron bazary öser

Soňky ýyllarda dürli maksatlar bilen ulanylýan ululy-kiçili uçýan enjamlaryň sany barha artýar. Şeýle bolansoň, kompaniýalar bu enjamlary has köp öndürýär. Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasynyň Ulagdan jogapkär agzasy Adina Walean geljekde harytlaryň dronlar arkaly daşalmagynyň has-da artjakdygyny we ýolagçy gatnawynda hem peýdalanyljakdygyny belledi. Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlardaky dron hyzmatlary bazarynyň 2030-njy ýyla çenli 14,5 milliard ýewro ýetmegine garaşylýar. Bu barada Dron strategiýasy metbugat ýygnagynda mälim edildi.



Walean Ýewropada adamsyz howa gämi bazaryny has-da ösdürmegi maksat edinýändiklerini belledi. Onuň sözlerine görä, dronlar daglyk ýerde gözleg halas ediş işlerinde hem netijeli ulanylýar. Maglumatlara görä, dronly hyzmatlar sebitde 145 müň täze iş ornuny döreder.

**Kerim MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 2-si, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110627
Belgisi: 48/1510
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Awazanyň ösdürilmegine bagyşlanan möhüm maslahat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Oýun attraksionly seýilgähler hem çagalaryň iň bir gelim-gidimli ýerleriniň biridir.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döredilen teatrlaşdyrylan deňiz suw çüwdürimleri, amfiteatrlar, çagalar üçin attraksionly oýun meýdançalary, birnäçe kafeler, gök zolaklar, tehniki desgalary öz içine alýan seýilgähler bu ýere dynç almaga gelýän syýahatçylaryň hem-de şäheriň ilatynyň iň söýgüli ýerine öwrüldi.

Ýahtalar, gaýyklar, katerler, katamaranlar, suw paraşýutlary dynç alýanlar üçin hödürlenýän hyzmatlaryň ýene bir bölegidir. Sport toplumlary, tennis meýdançalary, suw howuzlary, at üstündäki gezelençler, attraksionlar, diskoklublar, restoranlar, mini kafeler – bularyň hemmesi mawy deňiz, gülleýän ýaýla hem-de depeler bilen bilelikde utgaşyp, aýratyn bir özboluşly gözelligi döredýär. Däp bolan myhmansöýerlik hem-de hyzmatyň ýokary derejesi, amatly ekologiýa şertleri, arassa deňiz suwy Awazanyň özboluşlylygynyň üstüni ýetirýär.

Ýakynda bu ajaýyp künjegiň ähli babatda has-da ösdürilmegine degişli möhüm maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Balkan welaýatynda iş saparynda bolmagynyň çäklerinde Milli Geňeşiň, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň,



Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalarynyň hem-de ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Onda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny mundan beýläk-de ösdürmek, sebitiň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, Hazaryň özboluşly tebigy şertlerini syýahatçylygyň ösdürilmegine gönükdirmek we türkmen topragynyň bu täsin künjeginiň ekologik abadançylygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Awazanyň çägini giňeltmek, syýahatçylygyň ösdürilmeginde möhüm ähmiýeti bolan binalaryň gurluşygynyň alnyp barlyşyny çaltlandyrmak, bu ýerde ýurdumyzyň raýatlarynyň ýokary derejeli dynç alşyny üpjün etmek meseleleriniň ähmiýeti barada aýdyp, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy bu işleriň netijeli durmuşa geçirilmeginiň ykdysady taýdan bähbitli boljakdygyny aýratyn belledi.

2023-nji ýylyň ikinji çärýeginde Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň wekillerini, hünärmenlerini Türkmenistana çagyrmak we olaryň amala aşyrjak saparynyň çäklerinde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda halkara syýahatçylygyň ösdürilmegine bagyşlanan maslahaty guramak baradaky teklip, şonuň ýaly-da «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ykdysady we maliýe mümkinçiliklerini artdyrmak, migrasiýa, gümrük ugurlarynyň gurallaryny kämilleşdirmek maksady bilen, bu ýerde halkara kadalara laýyklykda ýörite wiza tertibini işläp düzmek we girizmek meselelerini öwrenmek baradaky başlangyç öňe sürüldi.

Geosyýasy we geoykdysady taýdan möhüm merkezleriň birine öwrülýän Hazar sebitinde hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ýurdumyzda durmuşa geçirilýän syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Bu ugurda Türkmenistanda dünýäniň ulag-kommunikasiýa ulgamyna sazlaşykly goşulyşmaga ukyply iri düzümler kemala gelýär. Hazar deňzini ösen düzümli, iri halkara ulag merkezine öwürmek babatda giň tagallalar edilýär.

Umuman, gadymy türkmen topragynda syýahatçylygyň dürli ugurlary boýunça ünsüňi çekýän, ýatdan çykmajak täsir galdyrýan künjekler näçe diýseň bar. Şolaryň biri hem gojaman Hazaryň boýundaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagydyr. Awazada tebigatyň hem ynsan aňynyň emele getiren täsinlikleri sazlaşýar. Ol bu gün Garaşsyzlyk ýyllarynda döräň, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň iň gözel ýerleriniň biridir. Hazaryň türkmen kenarynda bina bolan Awaza ynsan ömrüniň uzamagyna täsir edýän ajaýyplyklary özünde jemleýän mekandyr. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň keşbi özüniň owadanlygy bilen görenleri haýran galdyrýan bolsa, onuň şypa beriji howasynyň saglygy berkitmekde, hatda käbir keselleri bejermekde täsiri uludyr.

**Aýnagözel REJEPGULYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Türkmenistanda ilkinji sanly ilat ýazuwy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Dekabr aýynda geçiriljek ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň baş maksady ilatyň demografik düzümi hem-de ýurdumyzda raýatlaryň durmuş-ykdysady ýagdaýy baradaky anyk maglumatlary almakdan ybarat bolup, şol bir wagtyň özünde, meýilleşdirilýän bu möhüm çäre Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 2015-nji ýylda kabul edilen Kararynyň maksatlaryna laýyk gelýär. Bu bolsa ýurdumyz bilen BMG-niň arasynda strategik hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilýändigini ýene bir aýdyň subutnamasydyr.

Ilat ýazuwynyň statistiki maglumatlary ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine baha bermekde has ygtybarly çeşmedir. Ilat ýazuwy babatdaky maglumatlar zähmet we ýaşaýyş jaý bazarlaryny meýilleşdirmekde, býujet düzmekde, ulag, gurluşyk, ýangyç-energetika, durmuş üpjünçiligi, saglyk, ylym-bilim, şeýle-de birnäçe ugurlar boýunça takyk meýilleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ilat ýazuwy esasynda düzülen maglumatlar geljekde sebite täze maýa goýumlaryny çekmäge giň ýol açar. Bu bolsa sebitlerde goşmaça iş ýerleriniň döredilmegine we ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmaga, durmuş goraglylygyny berkitmäge, köp çagaly maşgalalara döwlet goldawyny bermäge, ýaşaýyş jaý üpjünçiligini has-da gowulandyrmaga, agyz suwy, elektrik energiýasy, tebigy gaz, awtomobil ýollary we beýleki zerur bolan durmuş amatlyklaryny ýokarlandyrmak boýunça işleri üstünlikli amala aşyrmaga uly ýardam edýär.

Ilat ýazuwy dolandyryş-çäk gurluşyna laýyklykda, tutuş ýurduň, welaýatlaryň, etraplaryň we her ýaşalýan ýeriň ilatyny hasaba almakdyr. Ilat ýazuwynyň netijesinde, ilat sanyndan başga-da, ýurduň döwlet durmuşynda zerur bolan maglumatlary, ýagny ilatyň demografik, geografik, etno-medeni, ykdysady aýratynlyklary, ilatyň saglyk ýagdaýy, ýaşaýyş şertleri barada maglumatlar ýygnalýar. Ilat ýazuwy ýörite taýýarlanan işgärler tarapyndan geçiriler we sowalnamalar planşetler arkaly doldurylar. Şu ilat ýazuwy Türkmenistanda ilkinji sanly ýazuw bolar.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz döwletimizde uly özgerişler bolup geçýär, beýik ösüşler gazanylýar. Alnyp barylýan döwlet syýasatynyň netijesinde amala aşyrylýan şeýle özgertmeleriň esasy maksady bolsa Watanymyzy ilatyň ýokary ýaşaýyş derejesini üpjün edýän ösen ykdysadyýetli ýurda öwürmekden ybaratdyr.

Nygtalyşy ýaly, ilat ýazuwy Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda strategik meýilnamalardyr maksatnamalary işläp taýýarlamaga, Durnukly ösüş maksatlarynyň amala aşyrylyşyndaky öňegidişlikleri kesgitlemäge ýardam etjek maglumatlary döretmäge, ýaýratmaga we ulanmaga mümkinçilik berer.

Arkadagly Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş şygary astynda ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeler mähriban halkymyzyň abadançylygyna we ýurdumyzyň kuwwatynyň has-da artdyrylmagyna gönükdirilendir. Şu ýylky ilat ýazuwynyň aýratynlygy soraşmalaryň elektron göterijileriň (planşetleriň) kömegi arkaly geçirilýändigindedir. Onda «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti tarapyndan öndürilen planşetleriň 14 müňüsi peýdalanylar. Bu bolsa halkymyzyň sanly ulgama bolan dünýägaraýşynyň giňelmeginde möhüm ädim bolar.

**Gulgeldi PAŞYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Türkmen topragy – berekediň çeşmesi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe milli mirasymyzy, medeniýetimizi ylmy esasda öwrenmek, täze öwüşgin bilen halka ýetirmek babatynda birnäçe işler alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyz özüniň ýazan kitaplarynda ähli ugurlar bilen bir hatarda oba hojalygyna hem aýratyn üns bermelidigini belläp geçýär.

Türkmeniň jöwzaly tomsy gök we bakja ekinleriň, miweleriň bereketli hasylyny getirýär. Güneşli Diýarymyzda kemala gelýän her bir ekerançylyk önümi özüniň tagamy, durumy, dermanlyk häsiýeti bilen tapawutlanýar. Miwedir bakja ekinleri bu topragyň gatynda kök urup, bişip ýetişeninden soň, datly tagamy, sowuga, yssa çydamlylygy, terligi, dykyzlygy bilen täsin tebigatly ýurdumyzyň keramatynyň şaýady bolup durýar. Şiresi daşyna çykyp duran üzümler, göreni haýrana goýýan almadyr-narlar ene topragymyzyň keramatyndan nyşandyr. Halkymyzyň «Uly iliň soltany» diýip arzylan tyllaýy bugdaýlary babadaýhanlaryň ýyly mähri bilen alyn derinden kemala gelen täsin bir gudrat hökmünde görlüpdir. Türkmen halkynyň gözel tebigatyna, bereketli topragynyň eçilen rysgal-berekediniň, nazy-nygmatynyň ählisine iňňän aýawly garandygy, rejeli peýdalanandygy, ýerlikli ulanandygy, özüniň halal zähmeti, alyn deri bilen dürtseň kesewini gülledýän altyn topragyndan dünýä belli ak bugdaýdyr waharmanlary, üzümleri, beýleki nygmatlary öndürendigi taryhdan hem mälimdir. Halkymyz bol hasylly ene topragyň taýýarlyk işleriniň her biri üçin aýratyn manyly sözleri döredip geljekki nesillere miras galdyrypdyr. «Ala sürlen ýeri çöp basar», «Almany çöle ek, armydy baýra», «Almany çöle ek, üzümi köle» ýaly setirler halkymyzyň daýhançylyk senediniň has gadymydygyny ýene bir gezek subut edýär. Geljekki agronomlara, oba hojalykçy hünärmenlere ýol-ýörelge boljak şeýle setirler «Paýhas çeşmesi» kitabynda has-da köpdür. «Aglap-aglap pel çeken, gülüp-gülüp suw tutar» diýen setirler bolsa azaply zähmetiň soňunyň çäksiz rehnetdigini aňladýar.



Halk döredijiligimizde, nusgawy şahyrlarymyzyň ýazan liriki eserlerinde türkmeniň bakja ekinleriniň çeper beýany berilýär. Gawunyň, garpyzyň, armydyň dermanlyk häsiýetleri, süýjüligi edebi mirasymyzda-da öz çeper waspyny tapypdyr. Şahyr Nurmuhammet Andalybyň döredijiliginde türkmen topragynda dürli görnüşli miweleriň, bakja we gök ekinleriň ösdürilip ýetişdirilýändigi giňden beýan edilýär. Ekinleriň bol hasylynyň gözbaşy bolan suwuň waspy şahyryň «Jykyr» atly goşgusynda ýokary derejede wasp edilýär. Şahyr suwuň bereket çeşmesidigini, eger-de suw ýeterlik bolan wagtynda, ynsan zähmetiniň netijesinde türkmen topragynda dürli ir-iýmişleriň birnäçe görnüşleriniň bitýändigini aýratyn belläp geçýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda daýhanlara uly hormat goýulýar. Olaryň oňat ýaşamaklary, medeniýetli dynç almaklary üçin oňyn şertler döredilýär. Il-halkyna şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Akjagül ATAÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# Dil öwrenmek – döwrüň talaby

**Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da artmagy köp derejede ýurduň bilim ulgamynyň binýadynyň berk bolmagyna, ýaşlarymyzy giň dünýägaraýyşly, düşünjeli, ruhubelent hem-de medeniýetli edip kemala getirmek işine bagly bolup durýar. Islendik önümçilik pudagynyň ýokary depgindäki ösüşi ylmyň soňky gazananlarynyň, dünýä ülňülerine laýyk gelýän kämil tehnikalaryň önümçilige ornaşdyrylyşyna we olary dolandyrmagy başarýan ýaşlara bagly bolup durýar.**

**Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda eden taryhy çykyşynda: «Ýaşlarymyzyň ruhy-ahlak, medeni, aň-bilim we beden taýdan ösüşine uly ähmiýet berýäris. Çünki ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, nurana geljegidir» diýip nygtady. Ýurdumyzda sanly bilim ulgamyna uly orun berlip, ýaşlaryň sanly tehnologiýalardan baş çykarmagy üçin bilim ojaklary kompýuterler, kämil tehniki serişdeler bilen üpjün edilýär.**



**Türkmenistanda daşary ýurt dilleriniň okadylyşy kämilleşdirilýär. Ýurdumyzyň raýatlarynyň ene dili bilen bir hatarda daşary ýurt dillerini kämil bilmeklerini sazlaşykly üpjün edýän döwrebap ulgamlar döredilýär we netijeli hereket edýär. Bilim ulgamynyň ähli basgançaklarynda bitewi bilim gurşawy döredilýär, daşary ýurt dillerini okatmagyň mazmuny ulgamlaýyn döwrebaplaşdyrylýar, dil öwrenýänleriň dil we medeni bilimleriniň hili ýokarlandyrylýar, okatmagyň innowasion dil öwrediş tehnologiýalary işlenip taýýarlanylýar. Ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde daşary ýurt dillerini dogry we doly özleşdirmäge bagyşlanan okuw meýilnamalary we maksatnamalary yzygiderli kämilleşdirilýär. Şonuň ýaly-da, daşary ýurtlardan professor-mugallymlary çagyrmak, institutyň mugallymlaryny we talyplaryny hünär kämilleşdiriş okuwlaryna ibermek boýunça degişli işler alnyp barylýar.**

**Ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalanmagynda ösüşleriň özeni hasaplanýan ylym-bilim möhüm orny eýeleýär. Eziz Diýarymyzda bilim ulgamyny dünýädäki ösen tejribelerden ugur alyp kämilleşdirmäge gönükdirilen tutumly işler barha öňe ilerleýär. Netijede, ýaş nesillerimiziň dünýä dillerini içgin öwrenmeklerini, ylmyň we tehnologiýanyň gazananlaryny oňat özleşdirmeklerini gazanmakda, sanly bilim ulgamyna geçmekde düýpli öňegidişlikler gazanylýar.**

**Häzirki zamanyň ösen tehnologik mümkinçilikleriniň ýurdumyzda giňden ýaýbaňlandyrylmagy üçin hormatly Prezidentimiz taýsyz tagallalary edýär. Halkara gatnaşyklaryny ösdürmek üçin ýaş nesliň dünýä dillerini öwrenmegi örän zerurdyr. Çünki döwür bilen aýakdaş gitmek üçin dilleri bilmek örän derwaýys bolup durýar. Şoňa görä-de, bilim edaralarynyň maddy binýady halkara ülňülerine laýyk getirilýär. Ýurdumyzda gurlup ulanylmaga berilýän bilim ojaklarynyň ählisine ösen tehnologiýaly okuw serişdeleri ornaşdyrylýar.**

**Konsepsiýanyň düzgünleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň netijesinde dürli ýaşdaky raýatlarymyzyň ýaşaýan we okaýan ýerlerine garamazdan, halkara standartlarynyň häzirki zaman talaplarynyň derejesinde ýokary hilli bilim almak üçin giň mümkinçilikler döredildi. Çünki sanly ulgama uýgunlaşan ösen şahsyýetiň kemala gelmegini gazanmak döwrüň öňe çykaran möhüm talaby bolup durýar.**

**Dilleri öwrenmekde häzirki zaman tehnologiýalarynyň ähmiýeti örän uludyr. Tehnologiýalar okuwçylara we talyplara dünýäniň ähli künjeginde okamaga, okaýanlaryň ählisine bir wagtda umumy sapaklaryň berilmegine, amaly ýumuşlaryň tabşyrylmagyna mümkinçilik berýär.**

**Ýaş nesliň, ilkinji nobatda, öz ene dilinde düşnükli gürläp hem-de dürs ýazuw kadalaryny bilmekleri, şol sanda iňlis, rus we beýleki dilleri, kompýuter tehnologiýalaryny öwrenmekleri, türkmen we dünýä edebiýaty bilen tanyşmaklary olaryň kämil şahsyýetler bolup ýetişmeklerine oňyn täsir edýär. Ýaşlary sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermeklerine ugrukdyrmak işleri häzirki zaman mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanylyp alnyp barylýar. Çagalar baglarynda, orta we ýokary okuw mekdeplerinde beden terbiýesi bilen bagly işleri netijeli guramaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ýaşlaryň boş wagtlaryny şadyýan, mazmunly hem-de peýdaly geçirmekleri, olaryň ynsan saglygyna zyýanly endiklerden daşda bolmaklaryna ýardam edýär.**

**Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlar babatda döwlet derejesinde uly aladalary edýändigi üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, il-ýurt bähbitli tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.**

**Kümüşgözel ÇOLUKOWA,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.***

# Çaga edebi – altyndan gymmat

Ýurdumyzda ýaşlar barada alnyp barylýan döwlet syýasatynyň esasynda ýaş nesil hakynda uly aladalar edilýär. Ýaşlar ýurdumyzyň geljegidir.

Ak mermerli Aşgabatda we ýurdumyzyň beýleki şäherlerinde, şäherçelerinde gurlan we gurulýan çagalar baglary, mekdepler, medeni dynç alyş merkezleri gadymy türkmen topragynda bagtyýarlygyň rowaçlanýandygyny alamatlandyrýar. Ýurdumyz çagalaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň, ýaş nesiller hakyndaky aladanyň öňe sürülmegi babatda BMG-niň umumy ýörelgelerine we esaslaryna ygrarly bolup durýar. Ata Watanymyzda çagalar üçin ähli amatly şertleriň döredilmegi abadan we gülläp ösýän jemgyýetiň esasy ýörelgesi bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň gülläp ösmeginde aýratyn orny bolan her bir maşgala, ýaş nesli döwrebap terbiýelemekde maşgala terbiýesine uly ornuň degişlidigini yzygiderli nygtaýar.

Türkmen halky hemişe özüniň halallyk, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, geçirimlilik, birek-birege ynam, ýagşylyk etmek ýaly ajaýyp endikleri, paýhasy bilen tanalypdyr. Bu häsiýetler nesilden-nesle geçip, türkmeniň milliliginde saklanypdyr. Şeýle ýagşy gylyk-häsiýetler, edim-gylymlar häzirki wagtda has-da dabaralanýar hem-de giň gerime eýe bolýar. Halkymyza mahsus bolan gylyk-häsiýetler maşgala agzalarynyň biri-biri bilen özara gatnaşygynda, ulynyň kiçä öwretmeginde ýüze çykmak bilen nesilme-nesil dowam edýär.

Çagalara ata-enäniň we döwletiň ynamdar hossarlarydygyny düşündirmek biziň borjumyz bolup durýar. Ata-enedir döwlet hossary bolan perzendiň özüni bagtyýar duýjagy ikuçsuzdyr. Olara ýaşkiçilik edebiniň şertlerini berjaý etmegini öwran-öwran ündemeli. Ýaşkiçilik edebi bolsa ulyny ykrar etmekden başlanýar.

Mundan başga-da, biziň özümizi medeniýetli alyp barmagymyz diňe bir öz çagalarymyzyň terbiýesinde däl-de, eýsem, beýleki çagalaryň terbiýesinde hem uly orun eýeleýär. Şonuň üçin uly adamlaryň her bir ädimde oýlanyşykly hereket etmegi zerur bolup durýar. Sebäbi çagalaryň we ýetginjekleriň bar ýerinde ýaramaz hereketleriň edilmegi, ýaramaz sözleriň aýdylmagy jemgyýetimiz üçin soňundan düzetmesi kyn bolan ýagdaýlara getirýär. Ýüze çykýan düzgün bozulmalar bolsa şeýle ýalňyş ädimleriň ädilmeginden başlaýar.

Elbetde, hiç bir ata-ene çagasyna terbiýe bereninde säwlige ýol bermek islemeýär, emma ata-ene hem käte perzent terbiýesinde goýberen hatasyna haçan-da perzendi ters hereketleri bilen ynamyny ödemedik ýagdaýynda göz ýetirýär. Şeýle ýagdaýda çaganyň hem ýalňyşan ýeri bolar, beýle säwlikde ata-enäniň çaga temmi bermek meselesinde seresaply çemeleşmegi hökmanydyr.

«Maşgalam – baş galam», «Maşgalada agzybirlik bolsa, hazyna gerek däl» diýlişi ýaly, maşgala agzalary bilen ýakyn gatnaşyk saklamak, wagtly-wagtynda olar bilen habarlaşyp durmak halkymyzyň gadymdan gelýän ýörelgeleriniň biridir.



Mähriban ata-eneler, pederlerimiziň her bir dana sözlerini durmuşymyza şamçyrag, gursagymyza nagyş edip, nusgalyk ata-ene bolmaga çalyşsak çagalarymyz hem dürs ýoldan gitse gerek.

Maşgala halkymyzyň ýaşaýyş durmuşynyň her döwründe-de ýaş nesli terbiýelemegiň esasy ojagy bolupdyr. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesliň sagdyn, bagtyýar, hormatly Prezidentimize, Watanymyza wepaly, döwrüň mynasyp şahsyýetleri bolup ýetişmekleri üçin maşgalada we jemgyýetde ähli şertler döredilýär.

Biz – içeri işler edaralarynyň işgärleri, ýurdumyzda jemgyýet howpsuzlygyny gorap saklamakda, sagdyn durmuş ýörelgesi syýasatyny wagyz etmekde ähli tagallalary birleşdirip, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyza, mähriban halkymyza, hormatly Prezidentimize ak ýürekden, halal gulluk ederis. Işlemäge, ýaşamaga ähli mümkinçilikleri döredýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Täşlimolla ALLAMYRADOW,**
*Ahal welaýatynyň Polisiýa müdirliginiň Gökdepe etrabynyň Polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýerli wekiller bölüminiň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça bölüminiň müdiri, polisiýanyň maýory.*

# ASMA ÝOL: DÖWREBAP GATNAW SERIŞDESI



**Dünýäniň köp ýerinde «tanaply awtoulag» adyny alan asma ýollar ilkibaşda gezelenç maksatly gurlan hem bolsa, soňky ýyllarda barmasy kyn ýerlerde ýolagçy gatnawynda-da peýdalanylýar. Ýagny awtoulag serişdeleriniň barmaýan daglyk sebitlerinde ýokaryk çykmak we aşak düşmek hyzmatyny ýerine ýetirýär. Asma ýol tanaplardan «ýapyşyp» hereket edýän, elektrik togy bilen işleýän kabinaly ulgamdyr. Bu ulgam çalt hereket edýändigi hem-de ygtybarlylygy bilen tapawutlanýar. Gazetimiziň şu sanynda sizi dünýäniň dürli künjeginde gurlan iň gowy asma ýollary bilen tanyşdyrýarys.**



**«Zugspitze», Germaniýa.** Bu asma ýol Eibsee kölüniň kenaryndan Zugspitze dagynyň depesine çenli aralykda hereket edýär. Uzynlygy 3 müň 215 metr bolan tanaply awtoulag 2017-nji ýylda dünýäde iň ýokary galýan asma ýol hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Deňiz derejesinden 3 müň metr belentlige çykýan kabinalar Awstriýa bilen Germaniýanyň serhedinde ýerleşip, funikulýar otludan has çalt barýar.



**«Peak 2 Peak», Kanada.** Kanadanyň Wistler Blekkomb dag gerişlerini birleşdirýän «Peak 2 Peak» asma ýoly 436 metr beýiklige galýar. Uzynlygy 4,4 kilometrlik bu asma ýol dagyň depesindäki myhmanhana ýolagçylary gatnadyp, gyşyna syýahatçylara dagyň depesinde lyžada typmaga, arça tokaýlyklaryny hem-de garly depeleri synlamaga mümkinçilik berýär.



**«Titlis Rotair», Şweýsariýa.** Sýurih şäheriniň golaýyndaky Titlis dagyna çykýan «Titlis Rotair» dünýädäki ilkinji aýlanýan kabinaly asma ýol bolup, syýahatçylara özboluşly gezelençleri hödürleýär. Ýolagçylar bary-ýogy 5 minutyň dowamynda 3 müň metr belentlige çykyp, gar bilen örtülen dag tebigatyny, Ýewropanyň iň uly buzluklaryny synlap bilýärler. Bu asma ýolda syýahatçylaryň islegine görä üsti açyk we ýapyk kabinalar bar.



**Mi Teleferiko, Boliwiýa.** 10 kilometr uzynlykdaky bu asma ýol Boliwiýanyň La-Pas şäheriniň merkezinden aşaklygyna El-Alto şäherine çenli aralykda ýolagçylara hyzmat edýär. 2014-nji ýylda işe girizilen bu ulgam ulag serişdelerindäki bökdençlikleri aradan aýryp, sagatda 18 müň ýolagça hyzmat edip, 400 metr belentlikde üsti gar bilen örtülen And dagynyň panoramasyny synlamaga mümkinçilik berýär.



**«Sugarloaf», Braziliýa.** Praia Wermelha, Şekerloaf daglarynyň hem-de paýtagt Rio-de-Žaneýronyň aralygynda hereket edýän bu asma ýol deňiz derejesinden 396 metr belentlige galýar. 1912-nji ýyldan bäri ýolagçylara hyzmat edýän bu asma ýolda «Moonraker» (1979, baş gahryman Jeýms Bond) filminiň käbir bölekleri surata düşürildi. Bu ýol ýolagçylara täsin başdangeçirmeleri hödürleýär.



**«Vanoise Express», Fransiýa.** La-Plan şäheriniň lyža meýdançasyny Alp daglaryndaky «Les Arcs» lyža şypahanasy bilen birleşdirýän bu asma ýol 1 müň 800 metr belentlige galýar. Adaty ýagdaýda jülgäniň üstünden 380 metr belentlikde geçýär. Bezeg taýdan özboluşly bu asma ýol birbada 200 ýolagçyny alyp, 4 minutlyk gezelenjiň dowamynda tebigy gözelliklerden lezzet almaga şert döredýär.



**«Ngong Ping 360», Gonkong.** 5,7 kilometr uzynlykdaky bu asma ýol Gonkongyň Lantau adasy bilen Ngong Ping dagyny birleşdirýär. Ngong Ping asma ýoly syýahatçylygy ösdürmek maksady bilen gurlup, 25 minutlyk gezelenjiň dowamynda dag tebigatyny hem-de ýadygärlikler toplumyny synlap bolýar.

## IŇ GOWY SPORT MYHMANHANASY



Ispaniýanyň Mursiýa şäherindäki iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan «La Manga Club» myhmanhanasy Ortaýer deňziniň kenarynda ýerleşip, 560 gektardan gowrak meýdany eýeleýär. Bu ýer sport bilen meşgullanmak hem-de dynç almak üçin tämiz howaly ýerleriň biri bolup, myhmanhananyň daş-töweregini arça tokaýlary we limon agaçlary bezeýär. Sport myhmanhanasynyň düzüminde 18 çukurly 3 golf meýdançasy, 28 tennis korty, 2 kriket meýdançasy, ýapyk howuzly fitnes zaly, 8 futbol meýdançasy bar. Dynç almaga gelýänler, esasan, tennisdir golf oýnap, fitnes sapaklaryna gatnap ýa-da howuzda ýüzüp wagtyny geçirýärler. Myhmanhanada tejribeli sport tälimçileri bilen bilelikde işleýän Tennis akademiýasy we Golf akademiýasy bar. Şol sebäpli «La Manga Club» oýnuň düzgünlerini öwrenmek we kämilleşdirmek üçin iň gowy ýerleriň biridir. Myhmanhanada ýigrimiden gowrak restoran bolup, ispan, amerikan, italýan, meksikan, gündogar tagamlaryny dadyp görmäge mümkinçilik bar. Güni we deňzi söýýänler Ortaýer deňziniň kenaryndaky Kosta Kalidada dynç alyp, sportuň suwda geçirilýän görnüşleri bilen meşgullanyp bilýärler. Şeýle hem suw ulaglaryny halaýanlar üçin gaýykly we ýahtaly gezelençler guralýar. Kenardaky kiçiräk gaýanyň üstünde ýerleşýän «La Cala» restorany dynç alýanlara balykdyr deňiz jandarlaryndan taýýarlanan tagamlaryň birnäçe görnüşini hödürleýär. Bu ýerde çagalar üçin ýörite tagamlar taýýarlanylýar. Şeýle-de, körpeje dynç alýanlara niýetlenen güýmenje meýdançalary hem bar.







## Gözüň saglygyny goramagyň usullary

Göz adamyň beden agzalarynyň biri bolup, daş-töweregi saýgarmak arkaly kabul edişi üpjün edýär. Adamlaryň köpüsi ylmy we dünýäni görüş arkaly öwrenýär. Soňky ýyllarda tehnologik enjamlaryň adamzat jemgyýetine giňden ornaşmagy bilen oturylyp işlenilýän durmuş ýörelgesine uýgunlaşyldy. Bu, ilkinji nobatda, fiziki hereketsizlige getirip, galyberse-de göz bilen bagly meseleleri ýüze çykarýar. Ýagny kompýuteriň öňünde birnäçe sagatlap oturmak göz üçin zyýanly bolup, görüş ulgamynyň peselmegine getirýär. Bilermenler gözüň saglygyny goramagyň birnäçe usulyny salgy berýärler. Olar şulardan ybarat:

**Sagdyn iýmitlenmek.** Iýmit sanawynda miwedir gök önümleriň, esasan hem, käşiriň bolmagy görüş üçin juda ähmiýetlidir. Mundan başga-da, A, E, C witaminini, sink, omega-3 ýag kislotasyny özünde saklaýan (ýagly balyk) önümleri iýmek maslahat berilýär.

**Yzygiderli maşk etmek.** Maşk etmek bedeniň ähli agzasy üçin, şol sanda göz üçin hem peýdalydyr. Bilermenler kompýuterde işlenilýän wagty azyndan her 2 sagatdan 15-20 minutlyk arakesme edip, gezim etmegi, ýaşyl ösümliklere seretmegi, şeýle hem 3-5 minutlyk göz maşkyny (gözüňi az salym ýumup saklamaly, soňra gözüňi ýokary-aşak, saga-çepe hem-de gytaklaýyn hereket etdirmeli) ýerine ýetirmegi maslahat berýärler.

**Äýnek dakynmak.** Günüň ultramelewşe şöhlesi käbir ýagdaýda gözümize zyýan ýetirip biler, şol sebäpli gorag äýneklerini dakynmagy ýatdan çykarmaň! Şeýle hem kompýuter şöhlesini yzyna gaýtaryjy reňksiz ýörite äýnekleri hem dakynyp bilersiňiz.

**Kitap okamak.** Bilermenleriň bellemegine görä, yzygiderli kitap okamak gözüň kütelmeginiň öňüni alýan iň esasy serişdeleriň biridir. Kitap okalanda göz öňe-yza, şeýle hem dört tarapa hereket edýär. Kitap okamak göz üçin iň gowy maşkdyr.

**Görüş synaglaryny geçirmek.** Käwagt görüş synaglaryny geçirip, gözüňizi «türgenleşdirip» bilersiňiz. Synagy ýönekeý usulda ownuk haty okamak, iri haty okamak, uzakdaky haty okamak, uzakdaky zady görmek arkaly geçirip bolýar.

**Gorag esbaplaryny geýmek.** Käbir sport oýunlarynda hem-de iş pursatlarynda ýa-da gurluşyk işlerinde gözüň şikeslenmeginiň öňüni almak maksady bilen gorag esbaplaryny geýmek hem hökmany zerurlyklaryň biridir.

# ÇAGALAR

✓ 1911-nji ýylda Angliýada poçtany eýesine çalt gowşurmak maksady bilen howa ulaglary synagdan geçirilip başlanýar.

## STOL FUTBOLY



Çilide «Taca-taca», Argentinada «Metegol» diýlip tanalýan meşhur güýmenjeleriň biri hem stol futbolydyr. Halkara futbol assosiasiýasyna esaslanýan bu oýnuň maksady ýaşlaryň futbola bolan söýgüsini artdyrmak hem-de wagtyny peýdaly geçirmeklerini üpjün etmekdir.

1890-njy ýyllarda Ispaniýada hem-de Ýewropanyň käbir sebitlerinde stol futboly üçin ilkinji gezek patentler berlip başlanýar. Şeýle-de bolsa, stoluň üstünde oýnalýan futboluň gözbaşy 1921-nji ýyldan, ýagny angliýaly Harold Searles Torntonyň «Stol futbolyny oýnamak üçin enjam» atly patenti almagy bilen başlanýar. Bu enjamyň oýlanyp tapylmagy futbol janköýerlerine öýünden çykman, stoluň üstünde söýgüli oýnuny oýnamagyna mümkinçilik berýär.

Stol futboly düşegi futbol meýdançasyna meňzeş gönüburçly agaç çarçuwadan, metal turbajygyna oýunçylar berkidilen 6 tutawaçdan (her tarapa 3:3) hem-de her tarapda utuklary bellemek üçin birden dokuza çenli sanly görkezijiden ybaratdyr. Bu oýunda her tarapda 9 «futbolçy» (käbirinde 4 tutawaç, 6 oýunçy) bolup, tutawaçlara erk edýän oýunçynyň ezberligine baglylykda utuk gazanylýar. Adaty stoluň uzynlygy 120 santimetr, ini 61 santimetr bolup, gol bolanda top derwezeden geçip, meýdançanyň gyrasyndaky boşluga gaçýar.



Bu oýny islege görä wagty we düzgünleri çäklendirmezden oýnap bolýar. Stol futbolyndaky düzgünler ýurt ýa-da sebit boýunça dürli-dürli bolsa-da, bitewi düzgüne laýyklykda bäsleşikler hem geçirilýär. Oýnuň dowamynda «futbolçylary» ýokary galdyrmak ýa-da tutawajy doly derejede (360 dereje) aýlamak gadagan edilýär. Stol futbolyny iki adam (ýekeleýin), şeýle hem iki tarapdan iki adam (jübütleýin) oýnap bilýär.

2002-nji ýylda stol futbolynyň meşhurlygyny artdyrmak maksady bilen Fransiýada Halkara stol futboly federasiýasy (ITSF) döredildi. Häzirki wagtda ITSF guramaçylyk işlerini alyp baryp, Halkara Olimpiýa komiteti hem-de Halkara Sport federasiýasynyň baş assosiasiýasy bilen bilelikde halkara ýaryşlary guraýar. Ilkibaşda stol futboly boýunça Dünýä çempionaty FIFA Dünýä Kubogyna gabatlanyp geçirilýärdi, ýöne 2009-njy ýyldan bäri her ýylda guralýar. 2013-nji ýylda Fransiýanyň Nant şäherinde geçirilen stol futboly boýunça Dünýä çempionatyna 30 ýurtdan 500 töweregi meýletinçi gatnaşdy. Soňky ýyllarda Aziýa ýurtlary hem bu oýunda netijeli çykyş edýärler. ITSF ýaryşlaryny 5 kompaniýa («Bonzini», «Roberto Sport», «Garlando», «Tornado», «Leonhart») resmi taýdan stol enjamlary bilen üpjün edýär.



### FUTBOL TOPY BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Futbol topunda 12 bäşburçluk we 20 altyburçluk bar.
- Dünýäde iň köp futbol topuny öndürýän brendler: «Adidas», «Nike», «Umbro».
- Dünýädäki iň uly futbol topy 2013-nji ýylda Katarda Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Topuň diametri 13 metr töweregi bolup, agramy takmynan 960 kilograma barabar.
- 1930-njy ýylda Urugwaýda geçirilen futbol boýunça ilkinji Dünýä Kubogynyň duşuşyklarynda «T-model» atly bagjykly toplar ulanylýar.

## KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**POÇTA.** Adamzat durmuşynda oýlanyp tapylan iň esasy aragatnaşyk ulgamynyň biri hem poçtadyr. Entek tehnologik enjamlaryň ýok mahaly biri-birinden uzakda ýaşaýan kowum-garyndaşlar hat alyşmak arkaly habarlaşýan ekenler. Munuň üçin bolsa poçtanyň hyzmatyndan peýdalanypdyrlar. Şol döwürlerde poçta aragatnaşygy hat gatnadyjy adam, eldekileşdirilen kepderiler, itiň käbir görnüşi, uýgunlaşdyrylan atlar, söwda ýolundaky kerwenler tarapyndan amala aşyrylypdyr. Bular ýerli aragatnaşyk bolup, resmi taýdan poçta ulgamy has soň ýüze çykýar. Ýazmaça resminamalary halkyň içine ýaýratmak üçin resmileşdirilen çapar hyzmaty ilkinji gezek Müsürde ýüze çykýar. Miladydan öňki 2400-nji ýyllarda faraonlar ýurduň çägine habar (täze çykan perman) ibermek üçin çaparyň hyzmatyndan peýdalanypdyrlar. Halk köpçüligine niýetlenen poçta hyzmaty ilkinji gezek Eýranda ýüze çykýar. Miladydan öňki 550-nji ýyllarda bu ýerde adamlar dogan-garyndaşlaryna hat ýazyp, olardan geljek jogap hatyny almak mümkinçiligine eýe bolupdyrlar. Şol ýyllarda goňşy döwletlerde hem poçtanyň pars ulgamy meşhur bolup, ýörite çaparlar işe alnyp, olar ýyndam atlar bilen üpjün edilipdir. Hatlary alan çapar bellenen aralygy geçensoň, beýleki çapara poçtany geçirýär, ol hem indiki çapara... Bu ulgam ýörite döredilip, çaparlar poçtanyň çalt barmagy üçin bellenen ýerlerde gezekleşýärler. Orta Aziýada birnäçe döwletleriň arasynda ýola goýlan hat gatnadyjy çaparlaryň ýanynda ýörite goragçylar berkidilýär. Poçta ulgamy birnäçe ýyldan soň Hindistandyr Hytaýa, Ýaponiýadyr Rime hem ýaýraýar.

Rim imperiýasynda 1490-njy ýylda «Taksis» ady bilen tanalýan hat gatnadyjy Frans fon poçta ulgamyny işläp düzýär. Ilkibaşda köşkde hat gatnadan Frans 1517-nji ýyldan soň maşgalasy bilen bilelikde raýatlara hem hyzmat edip başlaýar. 1716-njy ýylda Ispaniýada raýatlar üçin elýeterli poçta hyzmaty hökmünde «Correosy Telegrafos» döredilip, 1756-njy ýylda ilkinji gezek resmi taýdan poçta işgäri wezipesi döredilýär. 1762-nji ýylda poçta gutulary peýda bolýar. 1840-njy ýyla çenli iberilen hatlar kabul ediji tarapyndan tölenip, poçta tölegi hat iberijiden alyja çenli geçilen ýoluň uzynlygyna, kagyzyň sanyna hem-de poçtanyň agramyna görä kesgitlenipdir. Iňlis oýlap tapyjysy Rowlend Hill öňünden töleg edilýän, ýelmenýän möhürli (marka) poçta ulgamyny işläp düzýär. Bu ulgam örän arzan bolup, şondan soňra iberilýän hatlaryň sany iki-üç esse artýar. XIX asyryň ortalarynda ýörite enjam ulanylyp, ygtyýarnama esasynda poçta üçin öňünden tölenen bukjalary ýasamagyň usuly işlenip düzülýär. Bu usulda taýýarlanan bukjalar banklarda we poçta şahamçalarynda ulanylýar. Soňlugy bilen ygtyýarnama almazdan printerde çap edip bolýan bukjalar ulanylyp başlanýar. 1874-nji ýylda Ählumumy poçta bileleşigi (UPU) döredilýär. Häzirki wagtda 192 döwlet bu bileleşigiň agzasy bolup, BMG-niň ýöriteleşdirilen agentligi hökmünde halkara poçta alyş-çalyş düzgünlerini kesgitleýär.

XX asyrda poçtada uly ösüşler gazanylyp, hat gatnatmak ulag serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrylyp başlanýar. Demir ýol stansiýalarynda poçta bölümleri açylýar. Poçta işgärleri ýörite ulaglar bilen üpjün edilýär. 1911-nji ýylda Angliýada poçtany eýesine çalt gowşurmak maksady bilen howa ulaglary synagdan geçirilip başlanýar. Bu synag oňaýly netije berensoň, dünýäniň beýleki ýurtlarynda hem howa poçtasy ýola goýulýar. Üns beren bolsaňyz, käbir hatlaryň bukjasynda «Par avion» (fransuzça «uçar arkaly») möhürçesini görmek bolýar. Bu ýazgy hatyň uçar arkaly alyja iberilendigini aňladýar.




### ELEKTRON POÇTANYŇ GYSGAÇA TARYHY

1960-njy ýyllaryň başynda kompýuter esasly habarlaşmalar durmuşa geçirilip başlanýar. 1971-nji ýylda ulanyjynyň salgysyny kesgitleýän «@» elektron poçta nyşany hödürlenip, ilkinji hat Öňdebaryjy gözleg taslamalary gullugy (ARPANET) tarapyndan tora iberilýär. Hususy elektron poçta (e-poçta) ulgamlary 1980-nji ýyllarda ýüze çykyp, 1990-njy ýyllarda web-poçtalar köpçülige ýaýrap başlaýar. 2000-nji ýyllarda dünýäniň köp ýerinde ýörgünli aragatnaşyk ulgamyna öwrülen e-poçta smartfonlaryň tehniki aýratynlyklarynyň kämilleşdirilmegi bilen alyş-çalyş işlerini has-da ýeňilleşdirdi. E-poçtanyň ýörgünli bolmagy bilen, has dogrusy 1990-njy ýyllardan başlap, faks enjamyndan peýdalanmak görnetin azaldy.

Häzirki wagtda gibrid poçta arkaly kompýuterde we öýjükli telefonlarda birnäçe sekundyň dowamynda hatlary islendik salga ugradyp bolýar. Mundan başga-da, ulag serişdeleri arkaly hatlary we ýükleri dünýäniň islendik ýurduna aňsatlyk bilen iberip bolýar.

**Sudoku**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 4 | | 6 | 1 | | |
| | | 2 | | | 6 |
| | | | 3 | | |
| | 4 | 3 | | 1 | |
| 1 | | | | | 4 |
| 2 | | | | 3 | |

**Labirint**






**Binox**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| O | | | X | X | |
| | O | | | | X |
| | O | O | | | X |
| X | | | | O | |
| | X | | | | O |
| X | | | O | O | |

**Origami**



Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




## SÖZ TAPMAK

**GÖZLÄŇ, TAPYŇ!** Katar 2022 Dünýä Kubogyna gatnaşýan ýygyndylaryň 20-si.

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| G | E | R | M | A | N | I | Ý | A | G | H | J | K | G | K |
| M | Ü | K | T | W | Ç | I | S | P | A | N | I | Ý | A | O |
| T | U | N | I | S | A | K | K | D | F | F | D | N | N | S |
| P | M | H | O | R | W | A | T | I | Ý | A | A | W | A | T |
| O | B | M | M | R | S | H | R | T | W | D | N | F | G | A |
| R | B | N | H | J | T | Ý | G | Ň | Ý | P | I | R | S | R |
| T | Ç | Ý | N | B | R | A | Z | I | L | I | Ý | A | E | I |
| U | B | N | B | M | A | P | K | T | M | K | A | N | R | K |
| G | R | K | E | K | L | O | A | O | A | A | J | S | B | A |
| A | B | U | L | H | I | N | N | J | R | M | T | I | I | K |
| L | W | R | G | N | Ý | I | A | Z | O | E | R | Ý | Ý | Ž |
| I | Ž | S | I | W | A | Ý | D | S | K | R | Ý | A | A | Ý |
| Ý | T | H | Ý | N | A | A | A | W | K | U | Ý | A | B | R |
| A | B | B | A | Z | Ý | Ý | N | G | O | N | N | P | T | Ş |
| Ş | W | E | Ý | S | A | R | I | Ý | A | G | P | B | N | M |

**Isa REJEPBAÝEW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*




## 20-nji SKANWORD

**Aýmyrat HOJAMGELDIÝEW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Bakja ekini. **2.** Papua Täze Gwineýada bir wulkan. **3.** ABŞ-nyň günbatarynda bir ştat. **5.** Baglaýjy kömekçi. **6.** «Ertir gider Leýli han, Agşam geler Leýli han, Dürli-dürli çöplerden, Düwme ýasar Leýli han» (matal). **7.** Gögümtil-çal reňkli, gabykly dik ösýän agaç. **9.** Mysal hökmünde getirilýän, aýdylýan gysgajyk gürrüň. **10.** Öýke-.... **12.** Gemriji jandar. **13.** Elektron bölejik. **15.** Agyry, ynjy. **17.** Baýdak. **20.** Samoadaky ýeke-täk şäher. **22.** Yranyp duran. **23.** Jandarlaryň ýeri gazyp ýaşaýan, ýatýan sümelgesi. **24.** Ölçeg birligi. **26.** Russiýada bir derýa. **27.** Erige meňzeş miwe. **28.** Paskal ölçeg birliginiň gysga ady. **30.** Gözüň ýerleşýän ýeri, okarasy. **31.** «Poçta» sözüniň iňlisçesi. **32.** Nota. **34.** Gaty, döwülmezek. **36.** Küşt oýnunyň esasy maly. **37.** Hemişelik temperaturany saklamak üçin enjam. **39.** Ýer togalagynyň ýüzündäki gaty gatlak, ýer gabygy. **40.** Baglaýjy kömekçi. **43.** Futboluň bir görnüşi. **45.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **47.** Balygyň bir görnüşi Karp-..... **49.** Awstraliýada ýaşaýan jandar. **52.** Dyngysyz akyp duran köp mukdardaky tebigy suw akymy. **54.** Ynha, şu. **56.** Ösümliklerden alynýan azyk önümi. **57.** Kompýuter ýadynyň bir görnüşi. **59.** Käriz guýularynyň suwunyň akyp geçýän ýoly. **67.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **69.** Halkara mineralogiýa bileleşigi **71.** «Aslyň ... gumdur, dem bir nepesdir, özüňe bir dolan, işiň hebesdir» (Magtymguly). **73.** «Bal süýji, baldan-da ...» (nakyl). **74.** Meşhur amerikan kinorežissýory ... Gosnell. **76.** Umyt, isleg. **78.** Otrisatel zarýadly bölejik. **79.** Arap elipbiýinde bir harp. **81.** Oglan ady. **83.** Ýurdumyzda bir etrap. **84.** Görkezme çalyşmasy. **85.** Ýüňden bolan zatlara zyýan beriji kiçijik kebelejik we onuň gurçugy. **88.** Ýoklugy aňladýan baglaýjy kömekçi. **90.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **92.** Ümlük. **95.** Müçe hasabynda dördünji ýylyň ady. **96.** Magtymguly Pyragynyň kakasy Döwletmämmet .... **97.** Güýç, kuwwat, gurbat. **98.** Afrikada bir döwlet. **100.** Kompaniýanyň emlägini girdeji gazanmak üçin ulanmagyň netijeliligini görkezýän maliýe görkezijisi. **101.** Kaktus gülüniň bir görnüşi. **103.** Çaň, toz. **104.** «Daşy – jäjek, ... – möjek» (nakyl). **105.** Ýurdumyzda bir welaýat. **107.** Miwe. **108.** Dyngy belgi. **110.** Miwe.

● **KESELIGINE:** **1.** Karib deňzindäki ada döwleti. **4.** Serkerde şahyr Seýitnazar .... **8.** Eşikleriň ýygyrdyny düzlemek, ýazmak üçin gyzdyrylyp ulanylýan enjam. **11.** Gurbaganyň bir görnüşi. **13.** «Temmi bermek aňsat, terbiýe bermek ...» (nakyl). **14.** Iki nokadyň arasynda egriniň bir bölegi. **16.** Giň otluk meýdan. **17.** Dermanlyk ösümlik. **18.** Ýeriň iň uly bölegi. **19.** Guýrugy uly owadan guş. **20.** Ahna, ynha. **21.** «Gysganjyň atan ... özüne deger» (nakyl). **24.** Gyzgylt-goňur reňk. **25.** Esasy damarlar arkaly bedeniň ähli ýerine aýlanyp, öýjükleri iýmitlendirýän gyzyl reňkli suwuklyk. **27.** Aýal dogan, uýa (şiwe söz). **29.** Gadymy grek matematigi, fizigi we oýlap tapyjysy. **33.** Dodak (köne söz). **35.** Litiý himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **36.** Keýpi kök, şadyýan. **38.** Uçaryň iki gapdala uzalyp gidýän bölegi. **39.** Palçyk. **41.** Baglaýjy kömekçi. **42.** «... eziz, edebi ondanam eziz» (nakyl). **44.** Himiki birleşme. **46.** Gadymky, öňki. **48.** «Hünär – ... bulak, ylym – ýanar çyrag» (nakyl). **50.** Oglan ady. **51.** Ýokarlanma we peselme çyzykly tehniki görkeziji. **53.** «Agylda owlak dogsa, arykda ... biter» (nakyl). **54.** Özüňden kiçi erkek dogan. **55.** Aýlaryň biri. **57.** Braziliýanyň uly şäheri ...-de-Žaneýro. **58.** Bir zada gönükdirilen dykgat. **60.** Günorta Amerikanyň daglar toplumy. **61.** Nota. **62.** Iň uly gan damary. **63.** Kremniý elementiniň belgisi. **64.** «... görki gaş, gazuw görki taraş» (nakyl). **65.** Biriniň daş görnüşi, üst-başy. **66.** Çep-.... **68.** Hyýaly, hakykatda bolmadyk. **70.** Balyk (köne söz). **72.** «Gulan ... gurat eder» (nakyl). **73.** Basyş ölçeg birligi. **75.** Menek. **77.** Tansyň bir görnüşi. **80.** Hemişe gök öwsüp oturan agaç. **82.** «Gije-gündiz seni diýip gözümden, ... ýaşym bady-baran, Seýidi» (Zelili). **84.** Öküzçe. **86.** Däne önümi. **87.** Bir iş etmek üçin berilýän wada. **89.** Akly-garaly sapaklardan örülen ýa-da işilen sapak. **91.** «Maugli» multfilminiň bir gahrymany. **93.** Yşarat. **94.** Sanlary hasaplamak üçin ulanylýan, simlere düzülen, tegelejik düwmeli iş esbaby. **96.** «Goňşy – iň ýakyn ... ildir» (nakyl). **98.** Aýal dogan. **99.** Gyzgylt-mele (atyň reňki hakynda). **101.** Iri we ýasy dişler. **102.** Bir zadyň aşagy, düýbi. **104.** Metal gurallary ýiteltmek, ýylmamak, byçgy, ary ýaly senetlere diş kesmek üçin ulanylýan, ýüzi iri ýa-da ownuk dişli polat gural. **106.** Russiýada bir derýa. **109.** Içine ýag, bal we ş.m. zatlar salar ýaly agzy giň, syrçaly kiçijik küýze. **111.** Üzümiň tutuş bir salkymy. **112.** Dogruçyl däl, hakykatçy bolmadyk. **113.** «Hatarda ... bolsa, ýük ýerde galmaz» (nakyl). **114.** Záher. **115.** Miwe. **116.** Irmek, ýadamak. **117.** Afrikada ýaşaýan bedeni ak-gara jandar. **118.** Açyk howada ýerine ýetirilýän beden hereketleri.



52-nji krosswordyň jogaby:



19-njy skanwordyň jogaby:



## 53-nji KROSSWORD

**Aýjahan BEKDURDYÝEWA,** *Ak bugdaý etrap merkezi kitaphanasynyň «Neşirleri toplamak we işlemek» bölüminiň kitaphanaçysy.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# Welosipedleriň ýurdy nädip nusgalyk boldy?

**Niderlandlar dünýäde welosiped ulanylyşynda nusgalyk ýurtlaryň biri hasaplanýar. Oba hojalygynda hem dünýäde öňdeligi eýeleýän bu ýurtda ilatyň sanyndan has köp welosiped bar. Ýurtda adamlaryň dörtden birinden gowragy haýsydyr bir ýere gitmek üçin ulag serişdesi hökmünde welosipedden peýdalanýar. 7,5 kilometrden gysga aralyga gitmek üçin adamlaryň üçden biri iki tigirli ýeňil ulaga münýär. Maglumatlara görä, Niderlandlarda ululara, dürli ýaşdaky çagalara, zenanlara we erkeklere niýetlenen 23 million töweregi welosiped bar.**



**Eýsem, bu ýurtda welosiped nädip gündelik durmuşyň bir bölegine öwrüldikä?**

**Niderlandlarda 1970-nji ýylda 500 adama 100 ulag düşýärdi. Şeýle ýagdaýda birnäçe asyrlyk taryhy bolan şäherlerde dyknyşyklar emele gelýärdi. Şäherleriň ýollary hem irki döwürlerde at arabalaryna, soňky ýyllarda awtoulaglara görä sazlanyp, has giň köçeler göz öňünde tutulypdyr. Şol ýyllarda ýol dyknyşygyny emele getirýän meseleleri aradan aýyrmak üçin täze teklipler orta atylyp başlanýar. Netijede, häzirki wagtda uzynlygy müňlerçe kilometre ýetýän welosiped ýodalarynyň gurluşygyna başlanýar. Bu ýagdaý şäher ýaşaýşynda gündelik endikleriň hem üýtgemegine getirýär. Häzirki wagtda ýurtdaky welosiped ýodalarynyň jemi uzynlygy 35 müň kilometrden hem köp. Ýurduň gara ýollarynyň uzynlygy bolsa, 140 müň kilometr. Amsterdam şäherinde bolsa welosipedçilere artykmaçlyk berýän ýollar we infrastruktura döredildi. Şeýle ýollaryň köpüsinde awtoulaglaryň «myhmandygyny» aňladýan «fietsstraat auto te gast» ýazgylary ýerleşdirilen. Aýlawly çatryklarda hem welosipedçiler üçin aýratyn ýodalar bar. Şäherlerde welosipedler üçin aýratyn duralgalar hem guruldy. 2019-njy ýylda Utreht şäherinde 12 müň 500 welosiped orunlyk dünýäniň iň uly köp gatly welosiped duralgasy guruldy. Wokzallaryň we otly beketleriniň golaýynda welosipedler üçin aýratyn duralgalar peýda boldy. Mälim bolşy ýaly, esasan, Ýewropadaky şäherlerde jemgyýetçilik ulagy hökmünde otlulardan has köp peýdalanylýar. Bu ýurtdaky otly wagonlarynda welosiped goýmak üçin ýörite ýerler bölünip berildi. Şäherara gatnawlarda bolsa, welosiped ýüklemek üçin aýratyn wagonlar goýuldy.**

**Niderlandlar diňe welosiped sürmekde däl, eýsem, bu ulagy öndürmekde hem uly ösüş gazandy. Maglumatlara görä, ýurt her ýylda welosiped eksportyndan 1,2-3,8 milliard ýewro girdeji gazanýar. Ýurtda welosiped önümçiligi, satuwy, tehniki ideg edilmegi, kärendesine berilmegi ýaly uly ekoulgam emele gelip, bu ugurlarda 13 müň töweregi işgär zähmet çekýär. Niderlandlaryň Infrastruktura we suw dolandyryş ministrligi geljek ýyllarda hem welosiped sürýänleriň sanyny artdyrmak üçin iş alyp barýar. Şeýle hem bu ministrlik ýaşlara tölegsiz welosiped bermek üçin hem maksatnama taýýarlaýar.**

**Ýurduň bu ugurdaky işleri beýleki döwletlere hem nusga bolýar. Ispaniýanyň Sewilýa şäherinde hem Niderlandlardaky ýaly usullar ýola goýlupdyr. Gysga wagtda şäherde welosiped duralgalary we ýollary gurlupdyr. Bu bolsa, welosiped ulanylyşyny görnetin artdyrypdyr.**

# DÖRT GÜNLÜK IŞ HEPDESI HEMIŞELIK GALDYRYLDY

Şu ýyl Angliýada birnäçe kompaniýanyň gatnaşmagynda synag maksady bilen 4 günlük iş hepdesine geçilipdi. Ýokary okuw mekdepleriniň hem goldaw berýän synagyna gatnaşan kompaniýalaryň wekilleri bu düzgüniň işgärleriň önjeýli işlemegi üçin has amatlydygyny belläp, hemişelik galdyrmak kararyna geldiler. Ýurtda jemi 2600 işgäri bolan, dürli ugurlarda iş alyp barýan 100 töweregi kompaniýa hepdelik 4 günlük işiň hemişelik galdyrylmagyny müwessa bildiler. Kompaniýalaryň wekilleri iş sagadyny azaltmazdan, iş gününiň azaldylmagynyň işberiji üçin hem, işgärler üçin hem amatlydygyny belleýärler. Şeýle düzgüne geçen kärhanalaryň arasynda «Atom Bank» maliýe edarasy hem-de «Awin» halkara marketing kompaniýasy bar.



Uzak aralykdan işlemek ýa-da iş sagadyny azaltmak düzgüni pandemiýa döwründe ýola goýlupdy. Bu düzgün dünýäniň başga ýurtlarynda hem ýaýbaňlandyryldy.

# COP28 BAE-de GEÇIRILER

BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahaty (COP28) geljek ýylda Birleşen Arap Emirliklerinde geçiriler. BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum bu maslahatyň 2023-nji ýylda ýurtda geçiriljek iň möhüm waka boljakdygyny belledi.

Golaýda Şeýh Mohammed BAE-niň Hökümetiniň her ýylky maslahatynda çykyş edip, ýurtda geljek ýyl COP28-i guramagyň ähmiýetine aýratyn ünsi çekdi. Maslahatyň barşynda BAE-niň senagat we ýokary tehnologiýalar ministri, howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça ýörite wekili Sultan bin Ahmed Al Jaber BAE-niň tutanýerliliginiň, dünýä ýurtlary bilen pugta diplomatik gatnaşyklarynyň hem-de energetika we durnukly ösüş pudaklarynda wagtyň synagyndan geçen tejribesi bilen berkidilen howanyň üýtgemegi bilen bagly meselelerde eýeleýän pragmatik ugrunyň ýurda 2023-nji ýylda COP28 maslahatyny geçirmek hakynda halkara ylalaşygyny gazanmaga mümkinçilik berendigini belledi.

Bellenilişi ýaly, 2023-nji ýylda ýurduň «Expo City Dubai» şäherçesinde geçiriljek COP28 BAE-niň Milli güni bilen gabat geler. Bu çärä ýokary derejeli wekiller, şol sanda, 140-dan gowrak ýurtdan döwlet we hökümet Baştutanlary, 80 müňden gowrak wekil, 5 müň töweregi köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşar. Häzirki wagtda ýurtda bu iri çärä taýýarlyk işlerine badalga berildi. Taýýarlyga gözegçilik etmek maksady bilen, ýurduň daşary işler we halkara hyzmatdaşlyk ministriniň ýolbaşçylygyndaky Ýokary komitet döredildi.





# INTERNETE HAS BAGLY ÝURTLAR

**Ösen interneti bolan ýurtlaryň ýaşaýjylarynyň ömrüniň üçden bir bölegini onlaýn ýagdaýda geçirýändigi belli boldy. «NordVPN» kompaniýasynyň hünärmenleri 20 ýurtda barlag işlerini geçirenlerinden soň şeýle netijä geldiler. Barlag geçirijileriň pikiriçe, internete iň köp bagly bolan adamlar Gonkongda ýaşaýar. Olar ömrüniň 44 ýyldan gowragyny internete sarp edýän ekenler.**

**Ömrüniň 41 ýylyny onlaýn geçirýän braziliýalylar ikinji orunda gelýär. 39 ýyl bilen üçünji orunda Meksika bar. Koreýa Respublikasynyň ýaşaýjylarynyň internetde 34 ýylyny, taýwanlylaryň 33 ýylyny, Italiýanyň we Portugaliýanyň ýaşaýjylarynyň 30 ýylyny, Ispaniýanyň ýaşaýjylarynyň 28 ýylyny, Fransiýanyň we Awstraliýanyň ýaşaýjylarynyň bolsa, 27 ýylyny internetde geçirýändigi anyklanyldy. Pikir soralyşyklar 20 ýurtda geçirildi. Sanawyň soňky setirinde ömrüniň 11 ýylyny internete sarp edýän ýaponlar bar.**

**Meksikalylar sosial torlarda hemmeden köp wagt geçirip, aýdym diňleýärler. Braziller filmlere we seriallara tomaşa etmegi halaýarlar. Hepdäniň dowamynda Gonkongyň we Koreýa Respublikasynyň ýaşaýjylary onlaýn söwda has köp wagtyny sarp edýän ekenler. Şeýle hem gonkonglylar beýlekilere garanyňda, has köp wideo oýunlary oýnaýarlar, tagam taýýarlanyşyna onlaýn seredýärler we wideo aragatnaşyk arkaly jaňlaşýarlar. Amerikalylaryň internetde ylmy gözlegleri geçirmek babatda beýlekilerden has öňdedigi belli boldy.**

# Wodorod bilen işleýän UÇAR MOTORY




«Rolls Royce» kompaniýasynyň inženerleri dünýäde ilkinji bolup uçar motoryny wodorod ýangyjy bilen işletmegi başardylar. Bu synagyň awiasiýa pudagy üçin örän ähmiýetlidigi bellenilýär. Sebäbi, howa gämileriň gury ýerde ýöreýän beýleki ulag serişdelerine garanyňda daşky gurşawa has köp zyýanlydygy bellenilýär. Uçar hereketlendirijilerini öndürmekde öňdebaryjy kompaniýa bu synagyny «AE 2100-A» atly uçar motorynda amala aşyrypdyr. «Easyjet» awiakompaniýasy bilen bilelikde alnyp barylýan bu synagda wodorod ýangyçly motor adaty uçara oturdylyp, ýerdäki we howadaky synaglar bilen dowam etdiriler.

Arassa ýangyçly uçarlary işläp taýýarlamakda «Airbus» kompaniýasy hem iş alyp barýar. Ýewropanyň uçar öndürijisi 2035-nji ýyla çenli şeýle ýolagçy uçaryny taýýar etmegi maksat edinýär.

# 6G-de HYTAÝ ÖŇDE




**Nazaryýet babatda häzirki wagtda bar bolan 5G aragatnaşygyndan 1 müň esse çalt boljak 6G tehnologiýasy hem işlenip taýýarlanýar. Internet aragatnaşygynyň 2-nji, 3-nji we 4-nji neslinden tapawutlylykda 5G-niň ýaýbaňlanmagy uzak dowam etdi. Şeýle-de bolsa eýýäm 6G-ni kämilleşdirmek üçin ylmy işler alnyp barylýar. Maglumatlara görä, 6G tehnologiýasyna degişli 38 müň töweregi patent ýüztutmasy hasaba alnypdyr. Bu patentleriň 13 müň 449 sanysy hytaý kompaniýalaryna degişli bolup, 35 göterime gabat gelýär. Patent almakda ikinji ýerde amerikan kompaniýalary (18 göterim) bar.**

**Golaýda Hytaýyň ZTE kompaniýasy awtonom tor, sanly goşa tor, 6G torunda amal etmegiň kuwwaty, tizlik tehnologiýasy ýaly ugurlarda 6G tehnologiýasyna degişli birnäçe barlaglary geçirdi. Ýewropanyň «Nokia» we «Ericsson» kompaniýalary hem 6G synaglaryny geçirýär.**



# 185 million ÝOLAGÇYNY KABUL EDER

Saud Arabystanynda 2030-njy ýylda 120 million, 2050-nji ýylda 185 million ýolagçy kabul edip biljek ägirt uly howa menziliniň gurulmagy meýilleşdirilýär. Patyşa Salman Halkara Aeroporty atly howa menzili 57 inedördül kilometr meýdany öz içine alar. Bu howa derwezesi ýurduň awiasiýa ýük gatnawynda täze merkez bolmagyna mümkinçilik berer. Şeýle hem täze desga ýurda gelýän syýahatçylaryň sanyny artdyrar. Ýurt 2030-njy ýyla çenli 100 million jahankeşdäni kabul etmegi meýilleşdirýär.

# TARYHDA ŞU GÜN

**1971-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Arap ýarym adasynyň gündogar böleginde, Pars we Oman aýlagynyň kenarlarynda Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) federal döwleti döredilýär. BAE-niň ilaty häzirki wagtda 10 milliondan gowrakdyr. Paýtagty Abu-Dabi bolan ýurduň esasy iri şäherleriniň biri Dubaýdyr.**



# «Ahal» çempionlyga barýar

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 22-nji tapgyrda sanawyň lideri «Ahal» myhmançylykda «Nebitçini» 1-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Kem-kemden çempionlyga barýan «Ahalyň» ýeke-täk golunu 57-nji minutda Didar Durdyýew geçirdi. «Altyn asyr» topary hem myhmançylykda geçiren duşuşygynda «Energetikden» Arslan Saparowyň (8) hem-de Ahmet Nurmedowyň (17) gollary bilen 2-0 üstün çykdy. Tapgyryň iň esasy oýnunda 3-nji ýer ugrunda göreş alyp barýan 2 topar – «Merw» bilen «Köpetdag» duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda «Merw» 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň 3-nji minutynda Alibek Abdyrahmanow hasaby açdy. Soňra «Köpetdag» Şamämmet Hydyrowyň (21) hem-de Ýazgylyç Gurbanowyň (30) gollary bilen 2-1 öňe saýlandy. 61-nji minutda Alibek Abdyrahmanow bellenen penaltini dürs urup, hasaby deňlese, 72-nji minutda Orazberdi Myradow «Merwe» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Duşuşygyň soňky minutlarynda «Köpetdagdan» Bagtyýar Gürgenow 2-nji sary kartyny alyp, meýdançadan çykaryldy. «Aşgabat» bilen «Şagadamyň» arasyndaky oýunda-da ýeňijini ýeke-täk gol kesgitläp, paýtagtlylar Merdan Muhadowyň 58-nji minutdaky penaltiden geçiren goly esasynda 1–0 ýeňiş gazandy.



23-nji tapgyrda-da ýerli derbiler geçirildi. Oýnalan 3 duşuşykda jemi 13 gol hasaba alyndy. Mary derbisinde «Merw» öz meýdançasynda «Energetik» toparyny 4-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bu duşuşykda Alibek Abdyrahmanow het-trik edip (15, 36 p, 72), toparynyň ýeňiş gazanmagyna saldamly goşant goşdy. «Merwiň» beýleki golunu 22-nji minutda Orazberdi Myradow geçirdi. «Energetik» toparynyň adyndan bolsa Begenç Alamow (34 ö.d.) bilen Ruslan Priýew (61) tapawutlandy.

4 golly ýeňiş gazanan başga bir topar hem «Şagadam» bolup, kenarýaka şäheriň wekili öz meýdançasynda «Nebitçini» 4-1 hasabynda ýeňmegi başardy. Duşuşykda «Şagadamyň» gollaryny Yhlas Magtymow (7), Mekan Aşyrow (18) hem-de Kerim Hojaberdiýew (27, 44), «Nebitçiniň» ýeke-täk goluny-da 90+2-nji minutda penaltiden Serdar Tukiýew derwezä girizdi. Paýtagtymyzda oýnalan «Köpetdag» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 7 oýunçynyň sary kart alan duşuşygynda 43-nji minutda her topardan bir futbolçy – «Köpetdagdan» Şamämmet Hydyrow, «Aşgabatdan» Pirmyrat Sultanow gyzyl kart alyp, meýdançadan çykaryldy. Dartgynly geçen oýun 1-1 deňlikde tamamlandy. 60-njy minutda Merdan Muhadowyň goly bilen öňe saýlanan «Aşgabat» toparyna 69-njy minutda «Köpetdag» Begenç Akmämmedowyň penalti goly bilen jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | «AHAL» | 22 | 19 | 3 | 0 | 70–13 | 60 |
| 2 | | «ALTYN ASYR» | 22 | 14 | 7 | 1 | 37–11 | 49 |
| 3 | | «MERW» | 23 | 12 | 3 | 8 | 36–31 | 39 |
| 4 | | «KÖPETDAG» | 23 | 10 | 2 | 11 | 37–37 | 32 |
| 5 | | «ŞAGADAM» | 23 | 9 | 4 | 10 | 37–33 | 31 |
| 6 | | «AŞGABAT» | 23 | 7 | 3 | 13 | 25–34 | 24 |
| 7 | | «ENERGETIK» | 23 | 4 | 3 | 16 | 16–51 | 15 |
| 8 | | «NEBITÇI» | 23 | 3 | 1 | 19 | 26–74 | 10 |

# KATAR 2022 DÜNÝÄ KUBOGYNDA ÇYKYŞ EDÝÄN DOGANLAR

Dünýä Kubogyna gatnaşýan 831 futbolçynyň arasynda bir maşgalanyň agzalary, ýagny dogan futbolçylar hem bar. Bu çempionatda futbolçy doganlaryň 5 jübüti hasaba alyndy. Şol 5 jübütiň 4-si bir milli toparda çykyş edýär. Galan biriniň bolsa, milli toparlary başga.



Belgiýanyň düzüminde doganlar Hazarlar bolup, olaryň ulusy Edin 10-njy, kiçisi Torgan 21-nji belgide oýnaýar. Iki futbolçy-da milli ýygyndynyň iň esasy hüjüm güýji hasaplanýar. 1-nji duşuşykda ýygyndynyň kapitany Edin çykyş eden bolsa, agasyndan 2 ýaş kiçi Torgan ätiýaçda oturdy. Marokkonyň ýygyndysyna garşy geçirilen duşuşykda bolsa olaryň ikisi hem esasy düzümde meýdança çykdy.



Fransiýanyň düzüminde-de iki goragçy dogan bolup, 1 ýaş aratapawutly doganlar Hernandesler toparyň esasy oýunçylary hasaplanýar. Luka bilen Teo Hernandesleriň ikisi-de çep gyrada oýnap, ulusy Luka wagtal-wagtal merkezi goragda hem çykyş edýär. Teo bolsa diňe çep goragda dälde, kämahal çep ganatda hem çykyş edýär. Luka 21-nji, Teo 22-nji belgili köýnekçäni geýýär. Fransiýanyň ýygyndysynyň ilkinji duşuşygynda, ýagny Awstraliýa bilen geçirilen oýunda Hernandesleriň ulusy Luka agyr şikes aldy. Operasiýa bolan Lukanyň diňe bir Dünýä Kubogynda-da däl, möwsümiň galanynda hem meýdança çykyp bilmejekdigi habar berildi. Şol duşuşykda agasynyň ornuna Teo meýdança girip, ol bir goluň pasyny hem berdi.



Gananyň milli ýygyndysynda-da Afrika futbolynyň ägirtlerinden Abedi Peleniň ogullary Jordan bilen Andre Aýewler milli toparyň iň esasy ýyldyzlarydyr. Ulusy Jordan toparyň kapitany bolup, ol 10-njy belgide oýnaýar. 1-nji duşuşykda Jordan Aýew gol hem geçirdi. Günorta Koreýa bilen geçirilen duşuşykda aratapawudy 2 ýaş bolan doganlaryň ikisi hem esasy düzümde meýdança çykdy.

Serbiýanyň düzüminde Milinkowiç-Sawiçler maşgalasynyň 2 wekili Sergeý bilen inisi Wanýa çykyş edýär. Iki futbolçy-da Italiýanyň çempionatynda degişlilikde, «Lasio» we «Torino» klublarynda oýnap, ulusy Sergeý uly meşhurlyga eýedir. 20-nji belgide çykyş edýän Sergeý ýarymgoragçy bolsa, 2 ýaş kiçi inisi, 25 ýaşly Wanýa derwezäni goraýar.



5-nji dogan jübütimiz bolsa Iniaki bilen Niko Williamslar bolup, olaryň hersi başga bir ýygyndyda çykyş edýär. 2010-njy ýylda-da Boateng doganlaryň kiçisi Žerom Germaniýanyň, ulusy Kewin Prins Gananyň ýygyndysynda oýnapdy we olaryň ikisi bir duşuşykda garşydaş hem bolupdy. La Liganyň özboluşly kluby «Atletik Bilbaoda» çykyş edýän Williams doganlaryň ulusy, 28 ýaşyndaky Iniaki Gananyň milli ýygyndysyny saýlady. 21 ýaşyndaky inisi Niko bolsa, Ispaniýanyň düzüminde oýnaýar. Iki oýunçy-da hüjümde oýnap, Iniaki Gananyň düzüminde 19-njy, Niko Ispaniýanyň ýygyndysynda 12-nji belgili köýnekçäni geýýär. Iniaki Gananyň geçiren 2 duşuşygynda-da esasy düzümde meýdança çyksa-da, oňa tapawutlanmak başartmady.





# KANADALY TENNISÇILERIŇ ILKINJI ÇEMPIONLYGY

**Tennis boýunça milli ýygyndylaryň arasyndaky (erkekler) Dewis Kubogy ýaryşynda Kanadanyň ýygyndysy çempion boldy. Ispaniýanyň Malaga şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda Kanada bilen Awstraliýanyň ýygyndylary duşuşdy. Ýekeleýin tennisçileriň üstünligi Kanadanyň çempionlygy üçin ýeterlik boldy. Ilki bilen kanadaly Denis Şapowalow awstraliýaly Tanasi Kokkinakisi bilen duşuşdy. Duşuşykda Şapowalow 6:2 we 6:4 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. 2-nji ýekeleýin duşuşykda-da kanadaly Feliks Öže-Aliýassim awstraliýaly Aleks de Minaury 6:3 we 6:4 hasaplar bilen ýeňip, ýurduny umumy hasapda 2-0 öňe çykardy. Netijede, Kanadanyň 2-0 saýlanmagyndan soň jübütleýin duşuşyk (umumy hasaba täsirini ýetirmeýändigi üçin) geçirilmedi. Şeýlelikde, Kanadanyň ýygyndysy Dewis Kubogynda ilkinji gezek çempionlyk gazanmagy başardy. Olar 2019-njy ýylda-da finala çykypdy, ýöne şol finalda Ispaniýany ýeňmek olara başartmandy.**

### ŞWEÝSARIÝA – KAMERUN 1-0
Katar 2022 – 24.11.2022 - «G» TOPARÇA

- **GOL:** Bril Embolo 48
- **SARY KART:** Elwedi 64, Akanži 83 – Fai 36
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ýann Sommer (Şweýsariýa)
- **ŞWEÝSARIÝA (4-2-3-1):** Sommer – Widmer, Akanži, Elwedi, Rodriges (Jömert 90) – Froýler, Džaka (k) – Şakiri (Okafor 72), Sow (Frei 72), Wargas (Rider 81) – Embolo (Seferowiç 72); **Tälimçi:** Murat Ýakin
- **KAMERUN (4-3-3):** Onana – Fai, Kastelletto, Nkulu, Tolo – Gue, Zambo Anguissa, Hongla (Ondua 68) – Mbeumo (Ngamaleu 81), Şupo-Moting (k) (Abubakar 74), Ekambi (Nkudu 74); **Tälimçi:** Rigobert Song
- **EMIN:** Fakundo Tello (Argentina)
- **STADION:** «Al Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 39 089




### BRAZILIÝA – SERBIÝA 2-0
Katar 2022 – 24.11.2022 - «G» TOPARÇA

- **GOL:** Rişarlison 63, 73
- **SARY KART:** Pawlowiç 7, Gudel 49, Lukiç 64
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Rişarlison (Braziliýa)
- **BRAZILIÝA (4-2-3-1):** Alisson – Danilo, Markinios, Tiago Silwa (k), Aleks Sandro – Kazemiro, Paketa (Fred 75) – Rafinýa (Martinelli 87), Neýmar (Antonı 79), Winisius Junior (Rodrigo 75) – Rişarlison (G. Žesus 79); **Tälimçi:** Tite
- **SERBIÝA (3-5-2):** W. Milinkowiç-Sawiç – Welkowiç, Milenkowiç, Pawlowiç – Gudel (Iliç 57), Lukiç (Lazowiç 66), S. Milinkowiç-Sawiç, Žiwkowiç (Radonýiç 57), Mladenowiç (Wlahowiç 66) – Tadiç (k), Mitrowiç (Maksimowiç 83); **Tälimçi:** Dragan Stoýkowiç
- **EMIN:** Alireza Fagani (Eýran)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 88 103

### URUGWAÝ – G. KOREÝA 0-0
Katar 2022 – 24.11.2022 - «H» TOPARÇA

- **SARY KART:** Kaseres 57 – Gýu Son 89, Bento 90+8
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Federiko Walwerde (Urugwaý)
- **URUGWAÝ (4-3-3):** Roçet – Kaseres, Godin (k), Himenes, Oliwera (Winýa 79) – Walwerde, Bentankur, Wesino (De La Kruz 79) – Pellistri (Warela 88), Luis Suares (Kawani 64), Darwin Nuňýes; **Tälimçi:** Diego Alonso
- **GÜNORTA KOREÝA (4-2-3-1):** Syn Gýo – Mun Hwan, Min Çže, Ýen Gwon, Çžin Su – In Bom, Wu Ýen – San Ho (Çžun Ho 74), Çže Son (Kan In 74), Son Hyn Min (k) – Ýý Çžo (Gýu Son 74); **Tälimçi:** Paulo Bento
- **EMIN:** Klemen Turpen (Fransiýa)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 41 663




### PORTUGALIÝA – GANA 3-2
Katar 2022 – 24.11.2022 - «H» TOPARÇA

- **GOL:** Ronaldo 65 p, Feliks 78, Leao 80 - A. Aýew 73, Bukari 89
- **SARY KART:** Pereira 90+1, Fernandeş 90+5 – Kudus 45+1, A. Aýew 49, Seidu 57, Williams 90+1
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kristiano Ronaldo (Portugaliýa)
- **PORTUGALIÝA (4-3-1-2):** Kosta – Kanselo, Diaş, Danilo, Gerreýro – Neweş (Leao 77), Bruno Fernandeş, Otawio (Karwalýo 56) – B. Silwa (Palinýa 88) – K. Ronaldo (k) (Ž. Mario 88), Ž. Feliks (Ramoş 88); **Tälimçi:** Fernando Santoş
- **GANA (5-3-2):** Ati-Zigi – Amarti, Džiku (Kýereh 90+2), Salisu, Seidu (Lampti 66), Rahman – Parti, Kudus (Bukari 77), A. Samed (Semenýo 90+2) – A. Aýew (k) (J. Aýew 77), I. Williams; **Tälimçi:** Otto Addo
- **EMIN:** Ismail Elfath (ABŞ)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 42 662

### KATAR – SENEGAL 1-3
Katar 2022 – 25.11.2022 - «A» TOPARÇA

- **GOL:** Muntari 78 – Dia 41, Diedhiu 48, B. Dieng 84
- **SARY KART:** Mohammad 20, Ahmed 45+1, Madibo 90+1 – Dia 30, Ýakobs 52, Siss 87
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Bulaýe Dia (Senegal)
- **KATAR (5-3-2):** Barşam – Ro-Ro (Salman 83), Huhi, A. Hassan, I. Muhammad, H. Ahmed (M. Waad 83) - Budiaf (A. Hatem 69), Al-Haýdos (k) (Muhammed Muntari 74), Madimo – Almoez Ali, Akram Afif; **Tälimçi:** Feliks Sançes
- **SENEGAL (4-4-2):** E. Mendi – Sabali, Kulibali (k), A. Diallo, Ýakobs (P. Abu Sisse 78) – Ismaila Sarr (B. Dieng 74), N. Mendi (P. Matar Sarr 78), I. Geýe, Diatta (P. Siss 64) – Bulaýe Dia, F. Diedhiu (I. Ndiaýe 74); **Tälimçi:** Aliu Sisse
- **EMIN:** Antonio Mateu Laos (Ispaniýa)
- **STADION:** «Al Thumama» - Doha
- **TOMAŞAÇY:** 41 797




### NIDERLANDLAR – EKWADOR 1-1
Katar 2022 – 25.11.2022 - «A» TOPARÇA

- **GOL:** Gakpo 6 – Walensiýa 49
- **SARY KART:** Mendes 57
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Frenki de Ýong (Niderlandlar)
- **NIDERLANDLAR (3-4-1-2):** Noppert - Timber, Wan Deýk (k), Ake - Dumfris, Koopmainers (De Roon 79), Frenki de Ýong, Blind - Klaassen (Belghuis 69) - Gakpo (Wegorst 79), Bergweýn (Depaý 46); **Tälimçi:** Lui Wan Gaal
- **EKWADOR (3-4-3):** Galindes - Porozo, Torres, Hinkapie - Presiado, Mendes, Kaisedo, Estupinian - Plata (Ibarra 90), Walensiýa (k) (Rodriges 90), Estrada (Sarmiento 74): **Tälimçi:** Gustawo Alfaro
- **EMIN:** Mustafa Gorbal (Alžir)
- **STADION:** «Khalifa International» - Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 833

### UELS – EÝRAN 0-2
Katar 2022 – 25.11.2022 - «B» TOPARÇA

- **GOL:** Ruzbeh Çeşmi 90+8, Ramin Rezaeian 90+11
- **SARY KART:** Rodon 45+3- Rezaeian 90+5, Jahanbahş 90+5
- **GYZYL KART:** Weýn Hennessi (Uels) - 87-nji minut
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ruzbeh Çeşmi (Eýran)
- **UELS (3-5-2):** Hennessi – Mefam, Rodon, B. Dewis – Ampadu (Allen 77), Remzi (Ward 87), Wilson (D. Jeýms 57), Roberts (B. Jonson 57), N. Williams – Beýl (k), Mur; **Tälimçi:** Rob Peýj
- **EÝRAN (4-4-2):** Hosseini – Rezaeian, M. Hosseini, Puraliganji, Muhammadi – Golizadeh (Torabi 77), Ezatolahi (Karimi 83), Nurollahi (Jahanbahş 77), Hajsafi (k) (Çeşmi 77) – Taremi, Serdar Azmun (Ansarifard 68); **Tälimçi:** Karloş Keýruş
- **EMIN:** Mario Eskobar (Gwatemala)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 40 875




### ANGLIÝA – ABŞ 0-0
Katar 2022 – 25.11.2022 - «B» TOPARÇA

- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kristian Pulişiç (ABŞ)
- **ANGLIÝA (4-2-3-1):** Pikford – Trippier, Stounz, Maguaýr, Şow – Bellingam (Henderson 68), Raýs – Saka (Reşford 77), Maunt, Sterling (Griliş 68) – Keýn (k); **Tälimçi:** Garet Sautgeýt
- **ABŞ (4-4-2):** Törner – Dest (Mur 77), Zimmerman, Rim, Robinson – MakKenni (Aaronson 77), Adams (k), Musah, Pulişiç – Wea (Saržent 83), Raýt (Reýna 83); **Tälimçi:** Gregg Berhalter
- **EMIN:** Hesus Walensuela (Wenesuela)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 68 463

### POLŞA – S. ARABYSTANY 2-0
Katar 2022 – 26.11.2022 - «C» TOPARÇA

- **GOL:** Piot Zielinski 39, Robert Lewandowski 82
- **SARY KART:** Kiwior 15, Keş 16, Milik 19 – Al-Malki 20, Al-Amri 45+4
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Robert Lewandowski (Polşa)
- **POLŞA (3-4-1-2):** Şensnyý – Berezinski, Glik, Kiwior – Keş, Bielik, Kryhowiak, Frankowski – Zielinski (Kaminski 63) – Milik (Pýontek 71), Lewandowski (k); **Tälimçi:** Çeslaw Mihnewiç
- **SAUD ARABYSTANY (4-5-1):** Al-Owais – S. Abdulhamid, Al-Amri, Al-Bulaihi, Al-Breik (Al-Gannam 65) – Al-Malki (N. Al Dawsari 85) (Bahebri 90+5), Al-Najei (Al-Abed 46), Kanno, Al-Buraikan, S. Al-Dawsari (k) – Al-Şehri (Al-Abud 85); **Tälimçi:** Herw Renar
- **EMIN:** Wilton Sampaio (Braziliýa)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 259




### ARGENTINA – MEKSIKA 2-0
Katar 2022 – 26.11.2022 - «C» TOPARÇA

- **GOL:** Lionel Messi 64, Enzo Fernandes 87
- **SARY KART:** Montiel 43 – Arauho 22, Gutierres 50, Herrera 66, Alwarado 89
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)
- **ARGENTINA (4-4-2):** E. Martines – Montiel (Molina 63), Otamendi, Lis. Martines, Akunýa – De Paul, Rodriges (E. Fernandes 57), Di Mariýa (Palasios 69), Mak Allister (Romera 69) – Lionel Messi (k), Lau. Martines (H. Alwares 63); **Tälimçi:** Lionel Skaloni
- **MEKSIKA (5-3-2):** Oçoa – Arauho, Montes, Moreno, Alwares (Antuna 66), Galýardo – Çawes, Herrera, Guardado (k) (Gutierres 42) – Lozano (Alwarado 73), Wega (Himenes 66); **Tälimçi:** Herardo Martino
- **EMIN:** Daniele Orsato (Italiýa)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 88 966

### TUNIS – AWSTRALIÝA 0-1
Katar 2022 – 26.11.2022 - «D» TOPARÇA

- **GOL:** Mitçell Dýuk 23
- **SARY KART:** Laiduni 26, Abdi 64, Sassi 90+3
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Mitçell Dýuk (Awstraliýa)
- **TUNIS (3-4-3):** Dahmen – Bronn (Keşrida 73), Meriah, Talbi – Drager (Sassi 46), Shiri, Laiduni (Hazri 67), Abdi – Sliti, Msakni (k), Jebali (Henissi 73); **Tälimçi:** Jalel Kadri
- **AWSTRALIÝA (4-3-3):** Raýan (k) – Karaçiç (Degenek 75), Souttar, Rowles, Behiç – Muý, Irwin, MakGi (Hrustiç 64) – Leki (Mabil 85), Mitçell Dýuk (Maklaren 64), Gudwin (Bakkus 85); **Tälimçi:** Grem Arnold
- **EMIN:** Daniel Sibert (Germaniýa)
- **STADION:** «Al Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 41 823




### FRANSIÝA – DANIÝA 2-1
Katar 2022 – 26.11.2022 - «D» TOPARÇA

- **GOL:** Kilian Mbappe 61, 86 – Andreas Kristensen 68
- **SARY KART:** Kunde 43 – A. Kristensen 20, Kornelius 23
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kilian Mbappe (Fransiýa)
- **FRANSIÝA (4-2-3-1):** Lloris (k) – Kunde, Waran (Konate 75), Apamekano, T. Hernandes – Tçuameni, Rabio – Dembele (Koman 75), Grizmann (Fofana 90+3), Mbappe – Žiru (Turam 63); **Tälimçi:** Didie Deşam
- **DANIÝA (3-4-3):** Şmeýhel (k) – Andersen, A. Kristensen, Nelsson – R. Kristensen (Bah 90+2), Hýoýberg, Eriksen, Mele – Lindstrom (Norgor 85), Damsgor (Dolberg 73), Kornelius (Braitwait 46); **Tälimçi:** Kasper Hýulman
- **EMIN:** Simon Marçiniak (Polşa)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 42 860

### ÝAPONIÝA – KOSTA RIKA 0-1
Katar 2022 – 27.11.2022 - «E» TOPARÇA

- **GOL:** Keýşer Fuller 81
- **SARY KART:** Ýamane 44, Itakura 84, Endo 90+3 – Kontreras 41, Borges 61, Kalwo 70
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Keýşer Fuller (Kosta Rika)
- **ÝAPONIÝA (4-2-3-1):** Gonda – Ýamane (Mitomo 62), Itakura, Ýoşida (k), Nagatomo (H. Ito 46) – Endo, Morita – Doan (Ý. Ito 67), Kamada, Soma (Minamino 82) – Ueda (Asano 46); **Tälimçi:** Hažime Moriýasu
- **KOSTA RIKA (5-4-1):** Nawas (k) – Duarte, Waston, Kalwo, Fuller, Owiedo – Torres (Bennette 65), Borges (Salas 89), Teheda, Joel Kampbell (Çakon 90+5) – Konteraras (Agilera 65); **Tälimçi:** Luis Fernando Suares
- **EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 41 479




### ISPANIÝA – GERMANIÝA 1-1
Katar 2022 – 27.11.2022 - «E» TOPARÇA

- **GOL:** Morata 62 – Füllkrug 83
- **SARY KART:** Buskets 44 – Kerer 37, Goreska 58, Kimmih 60
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Alwaro Morata (Ispaniýa)
- **ISPANIÝA (4-3-3):** Simon – Karwahal, Rodri, Laport, Žordi Alba (Balde 82) – Buskets (k), Gawi (Koke 66), Pedri – Ferran Torres (Morata 54), Asensio (Niko Williams 66), Dani Olmo; **Tälimçi:** Luis Enrike
- **GERMANIÝA (4-2-3-1):** Noýer (k) – Kerer (Klostermann 70), Süle, Rudiger, Raum (Şlotterbek 87) – Kimmih, Goreska – Gnabri (Hofmann 85), Gündogan (Leroý Sane 70), Musiala – T. Müller (Füllkrug 70); **Tälimçi:** Hansi Flik
- **EMIN:** Danni Makkeli (Niderlandlar)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 68 895

### BELGIÝA – MAROKKO 0-2
Katar 2022 – 27.11.2022 - «F» TOPARÇA

- **GOL:** Roman Saiss 73, Zakariýa Abuhlal 90+2
- **SARY KART:** Onana 29 – Sabiri 90+5
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Hakim Ziýeş (Marokko)
- **BELGIÝA (4-2-3-1):** Kurtua – Mýonýe (R. Lukaku 81), Alderweireld, Wertongen, Kastanýe – Onana (Tilemans 60), Witsel – De Bruýne, Edin Hazar (k) (Dris Mertens 60), Torgan Hazar (De Ketelare 75) – Batşuaýi (Trossar 75); **Tälimçi:** Roberto Martines
- **MAROKKO (4-3-3):** Muhamedi – Hakimi (Attiýat Allah 68), Aguerd, Saiss (k), Mazraui – Amrabat, Unahi (El Ýamik 78), Selim Amallah (Sabiri 68) – Ziýeş, En-Nesiri (Hamdallah 73), Bufal (Abuhlal **73**); **Tälimçi:** Walid Regragui
- **EMIN:** Sezar Arturo Ramos (Meksika)
- **STADION:** «Al Thumama» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 43 738




### HORWATIÝA – KANADA 4-1
Katar 2022 – 27.11.2022 - «F» TOPARÇA

- **GOL:** Kramariç 36, 70, Liwaýa 44, Maýer 90+4 – Dewis 2
- **SARY KART:** Lowren 56, Modriç 85 – Bukanan 52, Miller 85
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Andreý Kramariç (Horwatiýa)
- **HORWATIÝA (4-3-3):** Liwakowiç - Ýuranowiç, Lowren, Gwardiol, Sosa - Brozowiç, Modriç (k) (Paşaliç 86), Kowaçiç (Maýer 86) - Liwaýa (Petkowiç 60), Perişiç (Orşiç 86), Kramariç (Wlaşiç 72); **Tälimçi:** Zlatko Daliç
- **KANADA (3-4-3):** Borýan – Jonston, Witoriýa, Miller – Larýea (Hoilett 62), Hatçinson (k) (Adekugbe 72), Estakio (Kone 46), A. Dewis – Bukanan, Larin (Osorio 46), J. Dewid (Kawallini 72); **Tälimçi:** Jon Herdman
- **EMIN:** Andres Matonte (Urugwaý)
- **STADION:** «Khalifa International» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 374

### KAMERUN – SERBIÝA 3-3
Katar 2022 – 28.11.2022 - «G» TOPARÇA

- **GOL:** Kastelletto 29, Abubakar 63, Şupo-Moting 66 – Pawlowiç 45+1, S. Milinkowiç-Sawiç 45+3, Mitrowiç 53
- **SARY KART:** Nkulu 24, Bassogog 30 – Milenkowiç 90+3, Ýowiç 45+4
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Wensen Abubakar (Kamerun)
- **KAMERUN (4-3-3):** Epassi – Fai, Kastelletto, Nkulu, Tolo – Hongla (Abubakar 55), Zambo Anguissa (Gue 81), Kunde (Ondua 67) – Mbeumo (Nkudu 81), Şupo-Moting (k), Toko Ekambi (Bassogog 67); **Tälimçi:** Rigobert Song
- **SERBIÝA (3-4-3):** W. Milinkowiç-Sawiç – Milenkowiç, Welkowiç (Babiç 78), Pawlowiç (Mitrowiç 55) – Žiwkowiç (Gruýiç 78), Maksimowiç, Lukiç, Kostiç (Duriçiç 90+2) – Tadiç (k), S. Milinkowiç-Sawiç (Radonýiç 78), Mitrowiç; **Tälimçi:** Dragan Stoýkowiç
- **EMIN:** Mohammed Abdulla (BAE)
- **STADION:** «Al Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 39 789




### BRAZILIÝA – ŞWEÝSARIÝA 1-0
Katar 2022 – 28.11.2022 - «F» TOPARÇA

- **GOL:** Kazemiro 83
- **SARY KART:** Fred 52 - Rider 50
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kazemiro (Braziliýa)
- **BRAZILIÝA (4-3-3):** Alisson – Militao, Markinios, Tiago Silwa (k), Aleks Sandro (Aleks Telles 86) – Kazemiro, Fred (Gimaraýeş 58), Lukas Paketa (Rodrigo 46) – Rafinýa (Antoni 73), Rişarlison (Gabriel Žesus 73), Winisius Junior; **Tälimçi:** Tite
- **ŞWEÝSARIÝA (4-2-3-1):** Sommer – Widmer (Frei 86), Akanži, Elwedi, Rodriges – Froýler, Džaka (k) – Rider (Şteffen 58), Sow (Ebişer 76), Wargas (Fernandes 58) – Embolo (Seferowiç 76); **Tälimçi:** Murat Ýakin
- **EMIN:** Iwan Barton (Salwador)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 43 649

### G. KOREÝA – GANA 2-3
Katar 2022 – 28.11.2022 - «H» TOPARÇA

- **GOL:** Çžo Gýu Son 58, 61 – Mohammed Salisu 24, Mohammed Kudus 34, 68
- **SARY KART:** Wu Ýen 27, Ýen Gwon 77 – Amarti 21, Lampti 73
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Mohammed Kudus (Gana)
- **GÜNORTA KOREÝA (4-2-3-1):** Syn Gýo – Mun Hwan, Min Çže (Gen Won 90+2), Ýen Gwon, Çžin Su – In Bom, Çžon U Ýen (Ýý Çžo 78), Çhan Hun (Kan In 57), Wu Ýen (San Ho 46), Son Hyn Min (k), Çžo Gýu Son; **Tälimçi:** Paulo Bento
- **GANA (4-3-3):** Ati-Zigi – Lampti (Odoi 78), Amarti, Salisu, Mensah (Baba Rahman 88) – Abdul Samed, Parti, Kudus (Džiku 83) – Andre Aýew (k) (Sulemana 78), Iniaki Williams, Jordan Aýew (Kýereh 78); **Tälimçi** Otto Addo
- **EMIN:** Antoni Teýlor (Angliýa)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 43 983




### PORTUGALIÝA – URUGWAÝ 2-0
Katar 2022 – 28.11.2022 - «H» TOPARÇA

- **GOL:** Bruno Fernandeş 54, 90+3 p
- **SARY KART:** Neweş 33, Feliks 77, Diaş 89 – Bentankur 6, Oliwera 44
- **GYZYL KART:** Paulo Bento (Portugaliýa) – 90+12 minut
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Bruno Fernandeş (Portugaliýa)
- **PORTUGALIÝA (4-4-2):** Kosta – Kanselo, Diaş, Pepe, Mendeş (Gerreýro 42) – Ruben Neweş (Leao 69), Bernardo Silwa, William Karwalýo (Palinýa 82), Bruno Fernandeş – K. Ronaldo (k) (Ramoş 82), Žoao Feliks (Nuneş 82); **Tälimçi:** Fernando Santoş
- **URUGWAÝ (3-5-2):** Roçet – Himenes, Godin (k) (De Arraskaeta 62), Koates – Bentankur, Walwerde, Wesino (Pellistri 62), Warela, Oliwera (Winýa 86) – Nunýes (M. Gomes 72), Kawani (L. Saures 72); **Tälimçi:** Diego Alonso
- **EMIN:** Alireza Fagani (Eýran)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 88 668

### EKWADOR – SENEGAL 1-2
Katar 2022 – 29.11.2022 - «A» TOPARÇA

- **GOL:** Kaisedo 67 –– I. Sarr 44 p, Kulibali 70
- **SARY KART:** Idrissa Geýe 66
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kalidu Kulibali (Senegal)
- **EKWADOR (4-3-3):** Galindes – Presiado (Porozo 85), Torres, Hinkapie, Estupinýan – Gruezo (Sıfuentes 46), Franko (Sarmienti 46), Kaisedo – Plata, Estrada (Reasko 64), Enner Walensiýa (k); **Tälimçi:** Gustawo Alfaro
- **SENEGAL (4-2-3-1):** Eduar Mendi – Sabali, Kulibali (k), Diallo, Ýakobs – P. Siss (N. Mendi 74), P. Geýe – Ndiaýe (B. Dieng 74), Idrissa Geýe, Ismaila Sarr – B. Dia; **Tälimçi:** Aliu Sisse
- **EMIN:** Klemen Turpen (Fransiýa)
- **STADION:** «Khalifa International» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 569




### NIDERLANDLAR – KATAR 2-0
Katar 2022 – 29.11.2022 - «A» TOPARÇA

- **GOL:** Kodi Gakpo 26, Franki de Ýong 49
- **SARY KART:** Ake 52
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Dewi Klaassen (Niderlandlar)
- **NIDERLANDLAR (3-5-2):** Noppert – Timber, Wan Deýk (k), Ake – Dumfris, De Roon (Koopmainers 82), Franki De Ýong (Teýlor 86), Blind, Klaassen (Berguis 66) – Gakpo (Wegorst 82), Depaý (Ýanssen 66); **Tälimçi:** Lui Wan Gaal
- **KATAR (5-3-2):** Barşam – Ro-Ro, Huhi, Hassan, Mohammad (Keder 85), Ahmed – Al-Haýdos (k) (Budiaf 64), Madibo (Muntari 64), Hatem (Alaaeldin 85) – Almoez Ali (Assadalla 64), Afif; **Tälimçi:** Feliks Sançes
- **EMIN:** Bakari Gassama (Gambiýa)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 66 784

### UELS – ANGLIÝA 0-3
Katar 2022 – 29.11.2022 - «B» TOPARÇA

- **GOL:** Markus Reşford 50, 68, Fil Foden 51
- **SARY KART:** Jeýms 29, Remzi 61
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:**Markus Reşford (Angliýa)
- **UELS (4-3-3):** Ward – Williams (Roberts 36), Mefam, Rodon, Dewis (Morrell 57) – Ampadu, Remzi, Allen (Kolwill 81) – Beýl (k) (Jonson 46), Mur, Jeýms (Wilson 77); **Tälimçi:** Rob Peýj
- **ANGLIÝA (4-3-3):** Pikford – Wolker (Aleksander-Arnold 57), Stounz, Maguýar, Şow (Trippier 65) – Raýs (Fillips 57), Henderson, Bellingam – Fil Foden, Harri Keýn (k) (Wilson 57), Reşford (Griliş 75); **Tälimçi:** Garet Sautgeýt
- **EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 297




### EÝRAN – ABŞ 0-1
Katar 2022 – 29.11.2022 - «B» TOPARÇA

- **GOL:** Kristian Pulişiç 38
- **SARY KART:** Hosseini 77, Kanaanizadegan 86, Jalali 90+6 – Adams 43
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kristian Pulişiç (ABŞ)
- **EÝRAN (4-4-2):** Beiranwand – Rezaeian, Hosseini, Puraliganji, Mohammadi (Karimi 45+2) – Golizadeh (Ansarifard 77), Ezatolahi, Nurollahi (Jalali 71), Hajsafi (k) (Torabi 71) – Taremi, Serdar Azmun (Goddos 46); **Tälimçi:** Karloş Keýruş
- **ABŞ (4-3-3):** Törner – Dest (Mur 82), Karter-Wikers, Rim, Robinson – Adams (k), Musah, MakKenni (Akosta 65) – Wea (Zimmerman 82), Saržent (Raýt 77), Pulişiç (Aaronson 46); **Tälimçi:** Gregg Bergalter
- **EMIN:** Antonio Mateu Laos (Ispaniýa)
- **STADION:** «Al Thumama» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 42 127

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# KATARDA FUTBOL BAÝRAMÇYLYGY DOWAM EDÝÄR

Katarda dowam edýän 22-nji Dünýä Kubogynda toparçalardaky duşuşyklar şu gije tamamlanar. Ertirden başlap bolsa ýaryşyň dartgyny, çekeleşigi has-da güýjäp, utulançykdy tapgyryna badalga berler.

### ÇEMPIONATY UTUKSYZ TAMAMLAN ILKINJI ÝER EÝELERI

● «A» toparçada Kataryň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Senegaldan 3–1, 3-nji duşuşygynda-da Niderlandlardan 2–0 asgyn geldi. Duşuşyklarda Kataryň ýygyndysynyň ýeke-täk goluny Muhammed Muntari geçirip, ol Dünýä Kubogynda tapawutlanan ilkinji katarly futbolçy boldy. Kataryň ýygyndysy ilkinji 2 tapgyrdan soň ýaryşdan çykan ilkinji ýer eýesi, şol sanda çempionaty utuksyz tamamlan ilkinji ýer eýesi hökmünde hasaba alyndy. Niderlandlaryň ýygyndysy toparçada 1-nji ýeri eýeläp, olar 9-njy gezek 2-nji tapgyra çykmagy başardylar. 11-nji gezek gatnaşýan Niderlandlaryň çykyş eden ilkinji 2 ýaryşynda toparçalaýyn tapgyr ýokdy. Şeýle-de, Senegalyň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda Ekwadordan 2–1 üstün çykyp, 20 ýyldan soň 3-nji gezek gatnaşýan çempionatynda 2-nji sapar 1/8 finala çykdy. Ekwadora bolsa 3-nji duşuşygynda 1 utuk hem ýeterlikdi.

### ILKINJI GYZYL KART

● «B» toparçada Angliýa bilen ABŞ 1-2-nji orunlary eýeläp, ýaryşy dowam etdirerler. Angliýa 3-nji duşuşygynda Uelsi 3–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 2 gol geçiren Reşfordyň 2-nji goly iňlisleriň Dünýä Kubogyndaky 100-nji goly boldy. Olar 100 gol geçiren 7-nji topardyr. Uels-Eýran duşuşygynda 87-nji minutda gyzyl kart alan derwezeçi Weýn Hennessi şu çempionatda gyzyl kart alan ilkinji oýunçy boldy. Duşuşykda Eýranyň ýygyndysy goşmaça wagtda geçiren gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňiş gazanypdy. ABŞ bilen Eýranyň arasyndaky duşuşykda-da ýeňijini 1 gol kesgitledi. 38-nji minutda Pulişiçiň goly bilen 1-0 ýeňiş gazanan ABŞ-nyň ýygyndysy 6-njy gezek 2-nji tapgyrda oýnar. Deňme-deň bolan ýagdaýynda Eýranyň ýygyndysy hem taryhynda ilkinji gezek 1/8 finala adyny ýazdyrardy.

### IŇ KÖP TOMAŞAÇYLY DUŞUŞYK

● «C» toparçada çempionata şowsuz başlan Argentinanyň ýygyndysy ilki Meksikany, soňra Polşany 2–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Meksikanyň derwezesinden gol geçiren Lionel Messi Polşa bilen bolan duşuşykda penaltini salyp bilmedi. Şeýle-de, Meksika duşuşygynda 2-nji goluň pasyny beren Messi 5 Dünýä Kubogynda asist eden ilkinji oýunçy boldy. Argentina bilen Meksikanyň arasyndaky duşuşyga 88 müň 966 janköýer tomaşa etdi. Bu duşuşyk 1994-nji ýylda ABŞ-da geçirilen çempionatyň finalyndan (94 müň 194 tomaşaçy) soň Dünýä Kubogynyň çäginde iň köp janköýeriň tomaşa eden duşuşygy boldy. Saud Arabystanyny 2-0 ýeňen Polşanyň ýygyndysy 4 utuk bilen ýaryşy dowam etdirer. Polşa 1986-njy ýyldan soň ilkinji gezek 1/8 finalda oýnar. Meksikanyň 3-nji duşuşygynda Saud Arabystanyny 2–1 ýeňmegi olaryň 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik bolmady. Soňky minutlarda geçirdilen gol meksikanlary bassyr 8-nji gezek 1/8 finala çykmakdan mahrum etdi.

### ÇEMPION TÄSIN STATISTIKANY BOZDY

● «D» toparçada Fransiýanyň ýygyndysy soňky 3 çempionatda çempionyň toparçadan çykyp bilmezlik statistikasyny bozdy. 2-nji duşuşygynda Kilian Mbappeniň gollary bilen Daniýany 2–1 ýeňen Fransiýa 1/8 finala çykmagy başardy. Olar 3-nji duşuşygynda Tunisden 1-0 asgyn gelse-de, toparçada 1-nji orny eýelediler. Toparçada 2-nji ýeri Awstraliýanyň ýygyndysy eýeläp, olar 2-nji duşuşygynda Tunisi Dýukuň ýeke-täk goly bilen 1–0 utdular. Duşuşykda tapawutlanan Mitçell Dýuk Dünýä Kubogynyň taryhynda aşaky ligalaryň wekili bolup gol geçiren ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Awstraliýanyň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda Daniýany Lekiniň goly bilen 1-0 ýeňdi we 2006-njy ýyldan soň 1/8 finala çykdy.

«E» toparçadaky 2-nji oýunlarda Ispaniýa bilen Germaniýa 1-1 deňme-deň oýnady. Kosta Rika bolsa Ýaponiýany 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

«F» toparçadaky 2-nji oýunlarda Horwatiýanyň ýygyndysy Kanadany 4–1 hasabynda utdy. Oýunda Kanadanyň ýeke-täk goluny Alfonso Dewis 2-nji minutda geçirdi. Bu gol Kanadanyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goly hökmünde hasaba alyndy. Belgiýa bolsa Marokkodan 2–0 asgyn geldi. Belgiýa Dünýä Kubogynda toparçalarda 1994-nji ýyldan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy (14 oýundan soň). Marokko welin, 1998-nji ýyldan soň Dünýä Kubogyndaky ilkinji, umumylykda 3-nji ýeňşini gazandy.

### BRAZILIÝA 17 OÝUNDAN BÄRI ÝEŇILMÄN GELÝÄR

● «G» toparçada ilki Serbiýany Rişarlisonyň owadan gollary bilen 2–0 ýeňen Braziliýa Şweýsariýadanam Kazemironyň ýeke-täk goly esasynda 1–0 üstün çykdy. Braziliýanyň ýygyndysy 1998-nji ýyldan bäri (Norwegiýadan 2–1 utuldy), ýagny 17 duşuşykdan bäri toparçalarda utulman gelýär. Bu görkeziji rekorda deň bolup, Braziliýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşyklardan soň 1/8 finala adyny ýazdyrdy. 6 goluň geçirilen oýnunda Kamerun bilen Serbiýa utuklary paýlaşdylar. Iki toparyň hem 1/8 finala çykmak mümkinçilikleri dowam edýär.

### 5 DÜNÝÄ KUBOGYNDA GOL GEÇIREN ILKINJI FUTBOLÇY

«H» toparçada Portugaliýa Ganany kynlyk bilenem bolsa 3–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda penaltiden gol geçiren Kristiano Ronaldo 5 Dünýä Kubogynda gol geçiren ilkinji oýunçy boldy. Super ýyldyz 2006-njy, 2010-njy, 2014-nji ýyllarda 1, 2018-nji ýylda-da 4 gol geçiripdi. Portugaliýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda-da Bruno Fernandeşiň gollary bilen Urugwaýy 2–0 ýeňip, 1/8 finala adyny ýazdyrdy. Gananyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Günorta Koreýany 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Toparçada Gananyň, G. Koreýanyň hem-de Urugwaýyň 1/8 finala çykmak mümkinçilikleri bar.

### 1/8 FINALYŇ ILKINJI 4 DUŞUŞYGY

● 1/8 finalyň ilkinji 4 duşuşygy belli bolup, 3-nji dekabrda Niderlandlar bilen ABŞ (20:00), Argentina bilenem Awstraliýa (00:00) duşuşar. 4-nji dekabrda-da Fransiýa bilen Polşa (20:00), Angliýa bilenem Senegal (00:00) çärýek finala çykmak üçin özara güýç synanyşarlar.

Niderlandlar bilen ABŞ mundan öň 5 gezek duşuşyp, şolaryň 4-sinde Niderlandlar ýeňiş gazandy (1 oýunda-da ABŞ). Niderlandlar 10, amerikanlar 5 gol geçiripdi. Argentina bilen Awstraliýanyň ýygyndylary-da 8-nji gezek duşuşar. Öňki 7 duşuşygyň 5-sinde Argentina, diňe birinde-de Awstraliýa ýeňşini baýram edipdi (17–7 gol).

4-nji dekabrdaky duşuşyklarda Fransiýa bilen Polşa 17-nji gezek özara güýç synanyşarlar. Mundan öňki 16 oýnuň 8-sinde Fransiýa, 3-sinde Polşa ýeňiş gazandy. Fransiýa 27 gol, Polşa 18 gol geçiripdi. Angliýa bilenem Senegal taryhda ilkinji gezek duşuşar.

Çempionatdaky ilkinji 40 duşuşykda 97 gol hasaba alyndy (ortaça 2,43 gol). Iň köp gol geçirenleriň sanawynda 4 futbolçy – ekwadorly Enner Walensiýa, angliýaly Markus Reşford, fransiýaly Kilian Mbappe hem-de niderland Kodi Gakpo bolup, olaryň hersi 3 gezek tapawutlandy.

### POLŞA – ARGENTINA 0-2

Katar 2022 – 30.11.2022 - «C» TOPARÇA

- **GOL:** Mak Allister 46, Hulien Alwares 67
- **SARY KART:** Kryhowiak 78 – Akunýa 49
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Aleksis Mak Allister (Argentina)
- **POLŞA (4–5–1):** Şensnyý – Keş, Glik, Kiwior, Berezinski (Ýendžeýçik 72) – Zielinksi, Bielik (D. Şimanski 62), Kryhowiak (Pýontek 83), Frankowski (Kaminski 46), Swiderowski (Skoras 46) – Lewandowski (k); **Tälimçi:** Çeslaw Mihnewiç
- **ARGENTINA (4–3–3):** E. Martines – Molina, Romera, Otamendi, Akunýa (Taliafika 59) – E. Fernandes (Lau. Martines 79), De Paul, Mak Allister (Almada 83) – Messi (k), Di Mariýa (Parades 59), Alwares (Pezella 79); **Tälimçi:** Lionel Skaloni
- **EMIN:** Danni Makkeli (Niderlandlar)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 44 089







### S. ARABYSTANY – MEKSIKA 1-2

Katar 2022 – 30.11.2022 - «C» TOPARÇA

- **GOL:** S. Al-Dawsari 90+5 – Martin 47, Çawes 52
- **SARY KART:** Al-Şehri 24, Al-Hassan 34, Al-Tambakti 52, Al-Amri 90+2 – E. Alwares 16
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Luis Çawes (Meksika)
- **SAUD ARABYSTANY (3–4–3):** Al-Owais – Al-Tambakti, Al-Amri, Al-Bulaihi (Şarahili 37) – Al-Gannam (Bahebri 88), Al-Hassan (Madu 46), Kanno, Abdulhamid – Al-Buraikan, Al-Şehri (Al-Abud 62), Al-Dawsari (k); **Tälimçi:** Herw Renar
- **MEKSIKA (4–2–3–1):** Oçoa (k) – Sançes (K. Alwares 86), Montes, Moreno, Galýardo – E. Alwares (Funes Mori 86), Çawes – Lozano, Pineda (Rodriges 77), Wega (Antuna 46) – Martin (Himenes 77); **Tälimçi:** Herardo Martino
- **EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 84 985

### AWSTRALIÝA – DANIÝA 1-0

Katar 2022 – 30.11.2022 – «D» TOPARÇA

- **GOL:** Mattýuw Leki 60
- **SARY KART:** Behiç 4, Degenek 57 – Robert Skow 75
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Mattýuw Leki (Awstraliýa)
- **AWSTRALIÝA (4–4–2):** Raýan (k) – Degenek, Suttar, Rowles, Behiç – Leki (Hrustiç 89), Muý, Irwin, Gudwin (Bakkus 46) – MakGi (Raýt 74), Dýuk (Maklaren 82); **Tälimçi:** Grem Arnold
- **DANIÝA (4–2–3–1):** Şmeýhel (k) – R. Kristensen (Bah 46), Andersen, A. Kristensen, Mele (R. Skow 69) –Hýoýberg, Ýensen (Damsgor 59) – Eriksen (k), Skow Olsen (Kornelius 69), Lindstrom – Braitwait (Dolberg 59); **Tälimçi:** Kasper Hýulmann
- **EMIN:** Mustafa Gorbal (Alžir)
- **STADION:** «Al-Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 41 323





### TUNIS – FRANSIÝA 1-0

Katar 2022 – 30.11.2022 – «D» TOPARÇA

- **GOL:** Wahbi Hazri 58
- **SARY KART:** Keşrida 28
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Wahbi Hazri (Tunis)
- **TUNIS (3–4–3):** Dahmen – Meriah, Gandri, Talbi – Keşrida, Shiri, Laiduni, Maalul – Slimane (Abdi 83), Ben Romdhane (Şaalali 74), Wahbi Hazri (k) (Jebali 60); **Tälimçi:** Jalel Kadri
- **FRANSIÝA (4–4–2):** Mandanda – Disasi, Waran (k) (Saliba 63), Konate, Kamawinga – Fofana (Grizmann 73), Tçuameni, Weretu (Rabio 63), Genduzi (Dembele 79) – Koman (Mbappe 63), Kolo Muani; **Tälimçi:** Didie Deşam
- **EMIN:** Mattýuw Konger (Täze Zelandiýa)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 43 627

| Or. | «A» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NIDERLANDLAR | 3 | 2 | 1 | 0 | 5-1 | 7 |
| 2 | SENEGAL | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-4 | 6 |
| 3 | EKWADOR | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-3 | 4 |
| 4 | KATAR | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-7 | 0 |

| Or. | «B» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 9-2 | 7 |
| 2 | ABŞ | 3 | 1 | 2 | 0 | 2-1 | 5 |
| 3 | EÝRAN | 3 | 1 | 0 | 2 | 4-7 | 3 |
| 4 | UELS | 3 | 0 | 1 | 2 | 1-6 | 1 |

| Or. | «C» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-3 | 6 |
| 2 | POLŞA | 3 | 1 | 1 | 1 | 2-2 | 4 |
| 3 | MEKSIKA | 3 | 1 | 1 | 1 | 2-3 | 4 |
| 4 | SAUD ARABYSTANY | 3 | 1 | 0 | 2 | 3-5 | 3 |

| Or. | «D» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-3 | 6 |
| 2 | AWSTRALIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 3-4 | 6 |
| 3 | TUNIS | 3 | 1 | 1 | 1 | 1-1 | 4 |
| 4 | DANIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 1-3 | 1 |















| Or. | «E» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 2 | 1 | 1 | 0 | 8-1 | 4 |
| 2 | ÝAPONIÝA | 2 | 1 | 0 | 1 | 2-2 | 3 |
| 3 | KOSTA RIKA | 2 | 1 | 0 | 1 | 1-7 | 3 |
| 4 | GERMANIÝA | 1 | 0 | 1 | 1 | 2-3 | 1 |

| Or. | «F» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | HORWATIÝA | 2 | 1 | 1 | 0 | 4-1 | 4 |
| 2 | MAROKKO | 2 | 1 | 1 | 0 | 2-0 | 4 |
| 3 | BELGIÝA | 2 | 1 | 0 | 1 | 1-2 | 3 |
| 4 | KANADA | 2 | 0 | 0 | 2 | 1-5 | 0 |

| Or. | «G» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BRAZILIÝA | 2 | 2 | 0 | 0 | 3-0 | 6 |
| 2 | ŞWEÝSARIÝA | 2 | 1 | 0 | 1 | 1-1 | 3 |
| 3 | KAMERUN | 2 | 0 | 1 | 1 | 3-4 | 1 |
| 4 | SERBIÝA | 2 | 0 | 1 | 1 | 3-5 | 1 |

| Or. | «H» TOPARÇA | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 2 | 2 | 0 | 0 | 5-2 | 6 |
| 2 | GANA | 2 | 1 | 0 | 1 | 5-5 | 3 |
| 3 | G. KOREÝA | 2 | 0 | 1 | 1 | 2-3 | 1 |
| 4 | URUGWAÝ | 2 | 0 | 1 | 1 | 0-2 | 1 |


TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK»
PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

**Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ✓ ***Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;***
- ✓ ***Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;***
- ✓ ***Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;***
- ✓ ***Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.***

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
***44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.***

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**








ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

**GADYRLY OKYJYLAR!**

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2023-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.

**INDEKSI 69477**






«Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron görnüşine *«turkmenmetbugat.gov.tm»* internet sahypasynda, şonuň ýaly-da onuň «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Pudak gazet-žurnallary» atly bukjany saýlap, gazetiň elektron neşirine abuna ýazylyp bilersiňiz.